**Türkmenistanyň Bilim ministrligi**

**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

# KAZYÝET PSIHIATRIÝASY

**(Okuw gollanma)**

**Ylmy redaktor: hukuk ylymlarynyň kandidaty, dosent A. Hezretow**

**Aşgabat-2010**

**Ç. Çopanow**

# KAZYÝET PSIHIATRIÝASY

**(Okuw  gollanma)**

***Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi***

**Ylmy redaktor:**
**hukuk ylymlarynyň kandidaty,**
**dosent A. Hezretow**

Aşgabat-2010

GIRIŞ

Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň fewral aýynyň 15-ne çykaran Permanyndan, “Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda” 2007-nji ýylyň mart aýynyň 4-däki kararyndan gelip çykýan wezipeleri durmuşa ornaşdyrmak maksady bilen Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň hukuk fakultetinde birnäçe işler alnyp barylýar.

Türkmenistan özüniň garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden başlap, demokratik, dünýewi we hukuk döwletiniň gurmaga tarap ugur aldy.

Türkmen halkynyň baý taryhy mirasyna, onuň syýasy we hukuk medenýetine esaslanýan, şol bir wagtyň özünde hem döwlet gurluşynyň öňdebaryjy pikirlerini we meýillerini göz öňüne tutýan türkmen döwletiniň häzirki zaman nusgasynyň kemala gelmegi we ösüşde tutuşlygyna döwlet hukugynyň baş ugrunyň köp taraply düzgünlerini durmuşa geçirmekde jemgyýetde syýasy durnuklylygy, ýurduň ilerleýji ykdysady ösüşiniň we durmuş taýdan adalatlylyk ýörelgeleriniň durmuşa geçirilmegini üpjün etdi.

Türkmenistanyň garaşsyz we hemişelik bitarap döwlet bolmagy türkmen halkynyň durmuşynda möhüm taryhy öwrülşikdir. Bu prosesiň tötänleýin hadysa däldigi, onuň obýektiw kanunalaýyklygydyr. Täzeden gurmak prosesi. Türkmenistanyň garaşsyz we hemişelik bitarap döwlet hökmünde ykrar edilmegi. Ýurduň jemgyýetçilik durmuşynyň ähli taraplarynyň demokratiýanyň esasynda özgerdilmegine Gurbanguly Berdimuhamedowyň bahasyna ýetip bolmajak ylmy teoretiki, syýasy-guramaçylyk işi irginsiz bitiren we bitirýän zähmeti ýatýar.

Ýaş hünärmenleriň hünär derejesini derňew tejribeliginde peýdalanmak bilen kesgitlenilýär. Ýaş hünärmenleriň professional taýýarlygy jenaýat işleriniň üstüni açmakda we derňewi alyp barmakda gerekli bilimleri we usullary ulanmaklygy başarmak bilen peýda bolýar.

Kazyýet psihiatriýasy dersini hukuk öwreniş hünäriniň talyplaryna öwretmegiň esasy maksady, jenaýat eden raýatyň derňew döwründe, şaýat ýagdaýlarynda, kazyýet iş ýöredişinde, ejir çeken wagtlarynda raýatlarda ruhy keselleriň barlygy, olaryň derejesini anyklamak we öwretmek jenaýat eden raýatyň eden hereketlerine, şaýadyň aýdýan sözlerine, doly we dogry baha bermek kazyýet psihiatriýasynda wajyp meseledir.

Talyplar kazyýet psihiatriýasy dersini öwrenip, ruhy kesellerden ejir çekýänler-jenaýat etmekde aýyplanýan barlaga ugradylanda, nähili prosessual düzgünleriň bardygyny öwrenýärler.

Olardan başga-da talyplar derňew döwründe ýüze çykjak soraglary: ýagny, raýat ruhy saglyk öýünde hasapda durandygy, anamnezinde kelle beýni şikeslerini geçirenligi, bejergilerini kabul edenligini, degişli maglumatlat bilen tanyşdyrmak. Ruhy keselleriň görnüşleri, derejesi, geçiş ýagdaýlary, pasyllara baglylykda jenaýat eden raýata bolan täsirini anyklamaklygy öwrenýär.

Awtor taýýarlanan okuw gollanmasynyň jenaýat düzediş hukugy dersi we ylmy bilen gyzyklanýan talyp ýaşlaryň bilimlerini artdyrmaga ýardam eder diýip umyt bildirýär.

Adam öz töweregini gurşap duran dünýä bilen duýgy organlary arkaly baglanyşýar, ol organlar bolsa özleriniň kabul edip alýan zatlaryny analizleýjiler-sintezleýjilerdirler: eşitmek, görmek, ys almak, tagam bilmek, duýmak-syzmak, ýagny birinji signal sistemasy diýilýän hadysa bilen amala aşyrylýar,

Ikinji signal sistemasyna bolsa dine adama mahsus bolan: ses-söz-gürrüň, hat üsti bilen we şolaryň täsiri bilen adam durli duýgulary, ýagny, şatlygy, gahary, gynanjy, begenji we başgalary başdan geçirýär.

Adam organizminiň beýleki keselleriniň hemmesi ýaly ruhy kesellilikde belli şertlerde kelle-beýni sistemasynyň saz işlemegi bozulýar, şonda öňdäki aýdylan analizleýjileriň-sintezleýjileriň işi ýoýulýar, netijede psihiki-ruhy keseli peýda bolýar.

Olaryň birnäçesinde her dürli ýok zatlaryň göze görünmegi, bolmadyk zatlaryň eşidilmegi, ysynyň alynmagy, başga bir ruhy näsaglykda bolsa hakykatda bolup biljek zatlaryň ýoýlan şekilde görünmegi (haly nagyşlarynyň – içýan, ataýry bolup görünmegi), ondan başga-da samramagy, ugursyz pikirlenmegi, tende ýakymsyz duýgynyň täsirini duýmak we başgalar näsaglygyň alamatlary bolýar. Şu aýdylanlar barada ýazgynyň dowamynda gysgaça düşunje türkmen dilinde berilýär.

Ten duýgusy — zatlaryň ýa-da hadysalaryň aýry-aýry alamatlarynyň adam aňynda şöhlelenmesiniň psihiki prosesleridir.

# TEN DUÝGULARYNYŇ PATOLOGIÝASY (BOZULMAGY)

Gipesteziýa — duýgy organlaryna gyjyndyryjylaryň täsir edei wagty duýgurlygyň intensiwliginiň (hyjuwlanmagynyň) aşaklamagydyr. (Mysal üçin: gyzgyn-ýyly bolup duýul-ýar, ýiti yşyk — eçügsi, güýçli ses — ýuwaş we ş. m.). Newrologik keseller wagtynda depressiw, astsno-depressiw, asteniki alamatlar çäginde gabat gelýär.

Anesteziýa — duýgurlygyň ýoklugy (öçügsiligi). Mysal üçin: agyry ýa-da temperatura (gyzgynlyk) duýgurlygynyň ýoklugy we başgalar).

Newrologik ksseller wagtynda we tutgaý (kakyn) alamatlarynyň strukturasynda gabat gelýär.

Giperesteziýa — duýgy organlaryna täsir edýän gyjyndyryjylara güýçli duýgurlyk. Gijeki ukusyzlyk wagtyndaky ýakymsyz ten duýgulary şuňa mysal bolup biler. (Ýorganyň hetdenaşa agyr bolup duýulmagy, işläp duran sagadyň ýa-da damýan suw damjasynyň sesiniň deprek kakylýan ýaly bolmagy we beýlekiler). Bular asteniki ýagdaýlarda ýa-da ipohondrik alamatlarda ýüze çykýar.

Paresteziýa — her hili ýakymsyz we agyr ten duýgularynyň, olaryň ýüze çykmagy üçin göz-görtele sebäbiň bolmazlygynda endamyň dürli bölegerinde jemlenmegidir.

Senostopatiýalar — häsiýeti boýunça paresteziýa meňzeş, kyn anyklanýan, ýat bolan örän ýakymsyz ten duýgularyny başdan geçirmek görnüşindäki bozulmalar bolup, köplenç içki organlarda jemlenýär we beden

keselleriniň ýüze çykmagyna sebäp bolmadyk keseldir. Keseller bedeniň dürli böleginde ýa-da içki organlarda döreýän sanjylary, burgylary, basyşlary, dartylmanyň, ýanyp barýan ýaly ten duýgularynyň bolmagyndan nalaýarlar. Ipohondriki, asteno-ipohondriki, depressiw alamatlar ýüze çykanda gabat gelýärler.

Beýnä ornaşdyrma degişli bozulmalar: agnoznýalar. illýuziýalar, gallýusinasiýalar we psihosensorik bozulmalar.

Agnoziýalar — ös tanyş bolan zatlary we hadysalary tanamazlyk. Kelle beýniniň uly ýarym şarynyň daşky gatlagynyň belli bir bölegine zeper ýetende gabat gelýar. Görüş, eşidiş, duýuş, tagam, ys alyş we garyşyk agnoziýalary tapawutlandyrýarlar.

Illýuziýalar — şol pursatda hakykatda bar bolan zatlary we hadysalary näsagyň beýnä ýalňyş ornaşdyrmagydyr. Bar bolan zatlar we hadysalar ýalňyş tanalýar. Eşidiş, görüş, ys alyş, tagam we syzyş illýuziýalaryny tapawutlandyrýarlar. Psihiki taýdan sagdyn adamda howsalaly ýagdaýa garaşanda (asylgy duran egin-eşigiň gizlenip duran adam hökmünde kabul edilmegi), intoksikasion psihoz (ruhy nähoşluk) we käbir beýleki psnhiki keseller bilen kesellän wagty gabat gelip biler. Gallýusinasiýalar (göze görünmeler) ýok zady beýnä ornaşdyrmanyň obrazlar görnüşnndäki, hakykatda bar bolmadyk gyjyndyryjynyň täsir etmegi netijesinde biygtyýar döreýän we näsag üçin göýä obýektiw hakykat häsiýetine eýe bolýan bozulmalardyr.

Sada, ýönekeý we çylşyrymly gallýusinasiýalary özara tapawutlandyrýarlar.

Sada gallýusinasiýalar — obraz derejesine baryp ýetmeýärler. Eger-de şeýle bozulmalar göze görünme görnüşinde dörese, onda näsag ony uçgun, ýagtylygyç ýylpyldysy ýa-da ýagtylyk menekleri we ş.m. (fotopsim), gulagyna eşidilende näsag aýyl-saýyl edip bolmaýan sesleri, şygyrdylary we ş.m. eşidýär.

Ýönekeý gallýusinasiýalar haýsy hem bolsa bir analizatoryň çäklerinde emele gelýär, mysal üçin, eşidiş ýa-da görüş gallýusinasiýalary.

Çylşyrymly gallýusinaiiýalaryň emele gelmeginde birnäçe analizatorlar gatnaşýarlar. Edil illýuziýalar ýaly, gallýusinasiýalary hem göruş, eşidiş, syzyş, ys alyş we tagam biliş galýusinasiýalaryna bölýärler.

Göruş gallýusinasiýalaryny näsaglar gündelik durmuşda görüp ýören zatlaryna meňzeş, şonuň ýaly-da fantastik mazmunly obrazlar — elhenç tentekler, fantastik maşynlar görnüşinde beýnä ornaşdyrýarlar (kabul edýärler).

Görüş gallýusinasiýalary ak-gara reňkli aýratynlykda we sahnalaşdyrylan häsiýete eýe bolup bilerler. Sahnalaşdyrylan görnüşdäki gallýusinasiýalar köpçülikleýin, hereketli bolup, olar üýtgäp we täzeleri bilen çalşyp bilýärler. Görüş gallýusinasiýalary köplenç intoksikanion we infeksion (ýokanç) psihozlarda, has köplenç bolsa oneýroid we delirioz sindromynyň çäginde ýüze çykýarlar.

Eşidiş gallýusinasiýalary sesler (dwigateliň gürrüldisi, sazyň sesi we ş.m.) ýa-da gürruň görnüşinde başdan geçirilýär.

Soňkusyna dilden aýdylýan gallýusinasiýalar diýilýär. Olar äheňi we belentligi boýunça dürli-dürli bolup,

aýratynlykda we köpçülikleýin näsag hakda iki ýa-da ýeke adam gürleşýän görnüşinde bolup bilerler. Dilden aýdylýan gallýusinasiýalary aýdylyş häsiýetine baglylykda kommentirleýji (näsagyň hereketlerini aýdyň berýän ýa-da ara alyp maslahatlaşýan), imperatiw (buýrujy). wehim salyjy, seýrek halatlarda öwüji gallýusinasiýalara bölmek bolýar. Gallýusinaniýalaryň arasynda iň howplusy imperatiw (buýrujy) gallýusinasiýalardyr, sebäbi näsag, adatça, gallýusinator buýruklaryň garşysyna durup bilmeýän we onuň öz janyna howply bolan hereketlere baş goşmagy mümkindir.

Eşidiş bilen baglanyşykly göze görünmeýänler köplenç şizofreniýada, ondan başga-da arakhorluk (alkogol) psihozynda göze görünme we samrama alamatlarynyň çäginde gabat gelýär.

Ys alyş bilen baglanyşykly göze görunmeler näsag tarapyndan haýsydyr bir yslar, köplenç ýakymsyz yslar görnüşinde duýulýar.

Ys alyş bilen baglanyşykly göze görünmeleri ys alyş illýuziýalaryndan tapawutlandyrmak kyn. Ys alyş bilen baglanşykly göze görünmeler köplenç şizofreniýe, kelle beýnisiniň «adajygy» çişen näsaglarda gabat gelýär.

Duýuş bilen baglanyşykly göze görünmelerden: zatlaryň, mör-möjekleriň, gurçuklaryň we beýleki jandarlaryň deriň içinde, üstünde, aşagynda ýygnanan ýaly duýgynyň ýüze çykmagydyr.

Tagam alyş bilen bagly gözegörünmelerde näsaglar agyzlarynda ýakymsyz tagamly ýa-da iýmite mahsus bolmadyk tagamy duýýarlar.

Öňde agzalyp geçilen gözegörünmeleriň ählisini ýalan (psewdogallýupinasiýa) we hakyky gözegörünmelere bölmek bolýar.

Hakyky gözegörünmeler duýgur, açyk reňkliligi, näsagy gurşap alan ýagdaýa geçip bilýändigini, şol sebäpli hem onuň hakykatda bar bolan zatlary gözüne görünýän zatlardan tapawutlandyryp bilmeýänligi bilen tapawutlanýandyr. Ýalan (psewdogallýusinliýa) göze görünmäniň tapawutlandyryjy sypatlary:

a) endamyň içine geçirilmegi

b) gözegörünmäniň emeliligini başdan geçirmek.

w) ýasamalygyň, del zatlaryň duýgusy (näsaglar özleri üçin «yslary ýasaýandyklaryny», «beýnilerinde sesleri ýasaýandyklaryna», «içki organlaryna dürli priborlary salýandyklaryna» we beýlekileri aýdýarlar).

Eger-de gözegerünmeler näsag uka gidýän wagty ýuze çyksa, onda oňa gipnogogik gözegörünmeler diýilýär. Gipnogogik gözegörünmeler uklamaga päsgel berýärler we näsagyň ukusyzlyk ýagdaýyna dolanmagyna getirýärler. Eger-de gözegörünmeler näsag oýananda dörese, onda olara gipnopompik gözegörünmeler diýilýär.

Gipnogogik we gipnopompik gözegörunmeleri kähalatlarda düýşden aýyl-saýyl etmek kyn.

Funkinonal göze görünmeler dilden aýdylýan gözegörünmeler bolup, olar birsydyrgyn gohuň ýagdaýynda döreýärler we goh ýatan badyna ýok bolýarlar. Illýuziýalardan tapawutlylykda funksioial göze görünmelerde näsag göýä hakyky gohy we göze görünýän sypatlary bir wagtyň özünde kabul edýär. Mysal üçin, krandan akýan suwuň sesinde öz adyna aýdylýan sögünji

we wehimiň salynmagyny eşidýär. Näsag krany ýapýar, suwuň sesi ýatýar we göze görünme hem ýitýär.

Agalyk ediji (dominait) gözegörünmeler agalyk ediji pikirler bilen bagly bolan psihiki şikes ýetiriji ýagdaýlary başdan geçirmekligiň mazmunyny şöhlelendirýärler.

Göze görünmeleriň ýüze çykmagy bilen näsaglaryň özüni alyp barşy üýtgeýär, şonuň ýaly hem näsagyň gözegörünmeleri başdan geçirişi barada diňe bir onuň gürrüňinden däl, eýsem-de hakyky alamatlary, näsagyň hereketleri, ýüz-gözünden, aýratyn başdan geçirmelerinden asmak bolýar.

# TIRÝEKKEŞLIK

Tirýek ençeme asyrlaryň dowamynda agyr labyryny adamzadyň gerdenine atan öküz ýaly — ganym duşmandyr. Eger goja taryhy gepledip bolýan bolsa, onda ol dünýäde gönüden-göni tirýek zerarly sana goşulyp bilmän, üç günde gedaýlyk derejesine düşen, durmuş eşretiniň hiç birine el ýetirip bilmän bu dünýäden hor-homsy, armanly öten müňläp, hatda milliondanam negözel adamlaryň adyny sanady.

Tirýek gadym eýýamlardan bäri bellidir. Ol ilkinji gezek biziň eramyzdan ozal XVI asyrlarda Ýewropa ýurtlarynda ýüze çykýar. Soň-soňlar ol gerimini giňeldip, Kiçi Aziýanyň üsti bilen Gündogara tarap ýaýrap başlaýar. Tirýegiň Aziýa we käbir Afrika ýurtlaryna ýaýramagyna iňlis mülkdarlary sebäp bolýar. Bir wagtlar dünýä bazaryna gatnaşmak üçin iň amatly suw ýollary, portlar Türkiýede bolupdyr. Türkiýäniň suw ýollaryndan, portlaryndan peýdalanýan iňlis täjirleri ilkibaşda tirýegi port ýukçülerine — hammallara berip işledip başlapdyrlar. Şeýlelikde, gämilere ýük ýükletmek, düşürtmek iňlis täjirlerine juda arzan düşüpdir. Bu täjirler üçin ykdysady taýdan peýda getiripdir. Tirýegiň täjirler üçin boýun egdirijilik tarapy hem şol wagtlar hiç zatdan peslär ýaly bolmandyr. Ýükçüler sähel işden boýun towlasalar, iş hakynyň köpelmegini talap edip topalan turuzjak bolsalar täjirler olaryň tirýegini keser eken. Tirýekden kesilen işçiler bolsa her hili şertdede hojaýynlaryna boýun bolmaly bolupdyrlar.

Edil ýokanç kesel ýaly, tirýek hem kem-kemden örüsini giňeldip, bu ýerden Aziýa ýurtlaryna ýaýrap başlapdyr. Aziýa düşensoň munuň netijesine göz ýetiren

adamlar oňa tirýek, ýagny (parsça: tir—peýkam, ek—bir) çala galtaşdygy alýan awuly ýeke ok diýip at beripdirler. Emma paýhasyň bu pähimi adamlaryň başyna düşüp ugran belanyň öňüni alyp bilmendir. Sebäbi bu ýerde käbir sebäpler paýhasyň pähiminden tirýegiň üstün çykmagyna getiripdir: düşünjesiz adamlaryň tirýegiň az wagtlyk albaýyna aldanyp, ony „müň derdiň dermany“ hasaplamaklary, söwdagärleriň, täjirlerin maýa toplamak maksady bilen eden wagyzlary, garyp gatlagyň köplügi, medisina kömeginiň bolmandygy şeýle ýagdaýa getiripdir.

Beýik Oktýabr sosalistik rewolýusiýasyndan ozal Türkmenistanda hem tirýekkeşlik ep-esli derejede ösüpdir. Hojalygy tozan garyp halk oňa az wagtlyk hem bolsa «gamgaý-taran» hökmünde garapdyr. Özüni oňaran adam çapawullandyr, ýol urupdyr, oňarmadyk ekinip, haşhaşyň şiresinden— şebbiginden tirýek gaýnatmagy öwrenipdir, has garyp gatlak hoşa hökmünde göknar — haşhaşyň gozasyny, çöpüni — samanyny ezip içmäni çykarypdyr.

Oktýabr rewolýusiýasyndan soň, Sowet häkimýeti mama, ysytma, mergi, garahassaçylyk, trahoma ýaly ýokanç kesellsr bilen bir hatarda, sosial dert hökmünde neşekeşlige garşy hem tutanýerli göreş yglan etdi. Netijede il arasynda ýaýran ýokanç keseller köki-damary bilen ýok edildi. Emma neşekeşlige garşy göreş islendik netijäni bermedi, sebäbi munuň özüniň aýratyn sosial kökleri bardy. Birinjiden, haşhaşy ekmek, hasylyny ýygnap, ondan önüm alyp, il arasyna ýaýratmak kanun tarapyndan gadagan edilendigine garamazdan, aýry-aýry adamlar, käbir toparlar hiç zatdan gaýtman bu işi erjellik bnlen dowam etdirdiler. Olar mal toplamak, baýlaşmak maksady bilen, hatda kontrabanda — gaçgak haryt söwdasyna hem baş urdular.

Ikinjiden, neşekeşleriň bu beladan arany ap-aňsatlyk bilen açyp bilmezligi, adamlaryň köp bölegininiň tirýegiň täsirine anyk göz ýetirmän, ony «müň derdiň dermany» hasaplamagy, ýaşlaryň, heniz başy bekemedik ýetginjekleriň ýeňil eklenç bilen gün görýänleriň çagasynyň göreldesine eýermegi neşekeşligiň ilat arasyna ýaýramagyna sebäp boldy.

Soňky durgunlyk ýyllarynda — gözboýagçylygyň, spekulýansiýanyň, artdyryp ýazmalaryň ýyllary içinde neşekeşlik uly adamlaryň, aýratyn hem ýaşlaryň arasynda ýoň boldy diýsek ýalňyşmasak gerek. Sebäbi päk zähmet bilen gazanylmadyk pul hemişe eýesiniň böwrüne „dürtup" durýar, ony keýpe, bozgaklyga, ulumsylyga itekleýär. Şol ýyllar üýşmeleňleriň, oturylyşyklaryň başy arakdan başlap, soňy tirýege ýazdy. Bu ýagdaý esasanam, ýaşlara ters görelde boldy, olaryň köpüsiniň tirýekkeş bolup galmagyna getirdi. Şonuň bilen birlikde onuň gizlin söwdasy hem artdy.

Häzir narkomaniýa garşy göreşde medisina, administratiw organlaryň işgärleri, sosiologlar, giň jemgyetçilik gatlagy tutanýerlilik bilen iş alyp barýarlar.

## TIRÝEGIŇ TÄSIRI

Tirýegiň adamynyň aýry-aýry organlaryna, olaryň dürli sistemalaryna edýän täsirine anyk göz ýetirmek üçin, ilkinji nobatda „Tirýek keýp berýärmi, ol keselbent adamyň derdine derman bolup bilýärmi?" diýen sowallara jogap bermek has ýerlikli bolsa gerek.

Birinji sowala «Hawa!» diýip jogap bermsk bolar, ýöne haçan we nähili keýp berýändigi baradaky söhbet has gyzyklydyr. Bedeni berk, synasy sagdyn adam tirýek

edende oňa bir ýola, diňe ilkinji gezek keýp berýän ýaly duýulýar, sebäbi adam organizminde nerw, gan damarlarynda, duýuş, syzyş, eşidiş, görüş organlarynda tirýegiň täsiri astynda ilkinji gezek_tijendiriji özgerişlikler bolup geçýär. Tirýek ilkinji gezek adamynyň nerw sistemasyna, beýni merkezlerine, organizmdäki enkefalinlere, endorfinlere (agyry-ynja garşy göreşýän jisimlere) güýçln täsir edýär. Netijede tirýek ýokarda ady agzalan jisimlerin mukdaryny, täsirini psseldýär, tutuş beýniniň işnni togtara golaý getirýor. Kä-bnr halatlarda beýniniň eşidiş, duýuş, görüş, ys alyş merkezlerine gyjyndyryjy tosirini etirni, çalt işlsdnp başlaýar. Adamynyň ganynyn düzümnndäki kömürturşy gazynyn beýnnniň dem alyş hem-de usgülewük merkezlerinin işini görnetnn peseldýär. Netijede tirýek eden adamynyn bedeni-niň agyry-ynjysy kemelýär, eşidiş, görüş, duýuş, ys alyş organlary aktiwleşsn ýaly duýulýar (has dogrusy, tirýek ol organlaryň damarlarynyň duýuş derejesini pessldýär), üs-gülewük galýar, sebäbi kekirdewük öňküsi ýaly gijese-de, onuň duýgy damarlary bu gyjynmany duýmaýar. Şeýlelikde, adamda az wagtlyk süiňüenillik psýda bolýar. Ine, şu sünnü-enillik albaýlap, adamy tirýekkeşlige çagyryp ugraýar, ýagny tirýek eden adam ilkinji ýola çekendoki ýa-da atandaky keýpini gözlop, ona ene agyz urýar, özem şol ilkinji keýpi gözlop her gezek onuň mukdaryny artdyryp başlaýar. Bu tirýekkeşlige tarap barýan esasy ýollaryň (ýodalar barada söhbetimiziň soňunda jikme-jik gürrüň ederis) biridir.

Ikinji mesele «Tirýek keselbent adamynyň derdine derman bolup bilýärmi?» diýen sowaldan ybaratdyr. Muňa «Ýok» diýip pert jogap bermek bolar. Wakada beýan

edişimiz ýaly, tirýek adamynyň beýnisine, nerw sistemasyna täsir edip, damarlaryň duýuş derejesini peseldýär, ýagny olary ýarym doň halda saklaýar. Mysal üçin, dişi gaty agyrýan adam tirýek atdy ýa-da çekdi diýeliň. Şeýle ýagdaýda wagtlaýynça agyry köşeşen ýaly bolýar. Ýöne dişde agyry düýpden aýrylmaýar. Onda çiş we çüýremek prosesi hem öňküsi ýaly dowam edýär, ýöne tirýegiň täsiri astynda doňmak derejesine golaýlan duýgy damarlary dişdäki çydamsyz agyry barada beýnä habar bermek ukybyndan kesilýär.

Tirýegiň derde derman däldigini onuň guragyry, ýanagyry, inçekesel, rak ýaly kesllere kär edip bilmeýändigini, ýagny onuň täsiriniň sähelçe wagtlykdygy bilenem düşündirse bolar.

Bu ýerde „Tirýek çeken adam näme üçin köp işläp bilýär, näme sebäbe onuň iş öndürijiligi has artýar?» diýen sowalyň gelip çykmagy mümkin.

Bu sowala şeýle jogap bermek bolar. Tirýek çeken adam köp işläp bilýän däldir, ol sähelçe wagt ylgaşlap işläp bilýändir, ýagny, tirýegiň täsiri duýgy damarlaryny kütelden mahaly ylgaşlaýan ýaly bolup görünýändir, onuň uzakçyl däldigini göz öňüne getirseň, mesele ap-aýdyň bolup galar. Bu ýerden şeýle netije gelip çykýar. Adamda (ol köp ýa-da adatdap daşary çalt işlär ýaly) artykmaç güýç ýok. Adam tirýegiň, täsiri astynda öz ertirki, birigünki güýjüni özi karz alýar. Bu «karzlaryň» netijesinde ol ahyry surnugyp, sandan galýar.

Tirýek iýmit bişiriş we siňdiriş organlarynyň — aşgazanyň, garyn asty mäziň, ödüň, içegäniň işläp çykarýan şiresini azaldýar, olaryň işleýşini peseldýär. Şeýlelikde, täret etmek juda kynlaşýar, seýrekleýär. Adamynyň içi

«gataýar». Ine şonuň üçin hem tirýekkeş adamlar iki-üç günde bir gezek aýakýoluna gidýärler.

Göwreli aýallar tirýek ýa-da tirýek goşandy bolan dermanlary asla ulanmaly däldir. Sebäbi tirýek ýa-da tirýek ýokundysy bolan dermanlar ulanylan mahalynda olar göwredäki çaganyň bedenini zäherleýär, netijede şikesli ýa-da kemis çaga dogulýar. Şeýle hem iki ýaşyna etmedik çaga tirýek ýa-da tirýek goşundysy bolan derman bermek örän howpludyr. Ýaş çagaly aýallaryň özi hem şeýle zatlardan gaça durmalydyrlar. Çünki, tirýegiň zäherleýji maddasy ene süýdüniň üsti bilen çaga geçýär.

Tirýek agdyk düşüp adam zäherlenende, ol özünden gidýär. Onuň dem alşy ýüzleý we seýrek bolýar. Göreji gaty daralýar, dem ýetmän ol gyssanýar, demi tutulansoň göreji giňelýär. Şeýle hem ol adamynyň endamy sowaýar, ölüm howpuny döredýär. Bu ýagdaý çagalarda garaguşagyrynyňka meňzeş tutgaý döredip hem biler.

## TIRÝEKKEŞLIGE ÝÜZ URLUŞY

Neşekeşligiň soňunyň ejir, ezýetdigini, abraýdan aýrylma, il gözünden düşmekdigini bilmeýän adam bardyr diýsek juda öte geçdigimnz bolardy. Ony bilmezlik asla mümkin däl. Sebäbi bu ýagdaýyň janly eksponatlary — egin-başy sal-sal, hamy endamyna syrlaşyp duran, çaga-çugadan, öý-öwzardan jyda düşüp, nohut ýaly tirýegiň yzynda ser-sepil bolup ýören adamlar hemişe-de bolupdyr, gönimizden gelsek, olar san taýdan agdyklyk etmese-de, hözirem öz aramyzda-da ýok däl.

Adam tötänden neşekeş bolmaýar. Onuň bu ýaramaz endige eýermegi üçin başda, näme-de bolsa, bir zat sebäp

bolýar. Geliň, ol sebäpleriň käbiriniň üstünde durup geçeliň.

Neşekeşlige ýüz urmaga mejbur edýän sebäpleriň iň ilkinjisi ony äsgermezlikdir. Şu ýerde 30-njy ýyllarda bolan bir wakany ýatlamak ýerlikli bolardy. Şol mahallar döwlet serhet düzgüni heniz gowşakka ýigitler ýörite Eýrana gezelenje gider ekenler. Şeýle topara Büzmeýinden bir ýaşulynyň ýalňyz ogly hem goşulypdyr. Ol gezelençden dolanyp gelensoň, kakasy ondan gezelenjiň geçişi barada sorapdyr. Ogly gürrünini tamamlandan son ýaşuly:

— Eýranda lülshanalaram-a bardyr, agzyňa alyp göräýen-ä dälsiň-dä hernä! —diýip, oglundan sorapdyr.

Ogly kakasyndan çekinip, sypaýyçylyk edipdir:

— Ýok, kaka! Oglanlar-a etdi, men çekmedim. Ýöne... tiryek çekip bolansoňlar ýerde ýatan müşdüg-ä ysgap gördüm! —diýipdir.

Kakasy oglunyň sözüni diňläp, „Bolupsyň onda“ diýen terzde kellesini silkip:

— Saňa agzy lülelije öljek ýigit diýerler! —diýipdir.

Neşekeşlige alyp barýan ilkinji ýol, ine, şudur — ony äsgermezlik etmekdir. Munuň şeýledigine pasiýentler bilen edilen gürrüňler, olara berlen sowallar hem güwä geçýär. Neşekeşlik belasyndan dynmak üçin medisina edaralaryna ýüz tutan adamlaryň köpüsi bu işe baş goşmagyna mejbur eden ilkinji sebäpler barada gürrüň berenlerinde olaryň söhbeti köplenç şeýle sözler bilen başlanýar: „Bir gezek çekeniň bilen hiç zat bolar öýtmedim“, „Bir ýola toýda oturylyşykda, ilki içipdiris, soň çekipdiris...“

„Hiç zat bolmaz» öýdülip bir ýola çekilen tiryegin yzynda bedeninde her gezek belli yz galdyrýan... iki,

üçem... bar ahyryn. „Ilki içilýän, soň çekilýän“ wagtam bir, iki, üç däl-ä, saý-sebäp bilen ol hem köp gaýtalanýar.

Ine, şeýlelikde „çemi gelende“ birki gezek „dadaýýan“ adamlar özüniň bu erbet gylyga endik edendigini, neşekeşligiň belli bir döwrüni eýýäm başdan geçirendigini duýman galýarlar.

Neşekeşligiň ikinji ýoly — dar düşünjeli adamlaryň tirýegi „müň derdiň dermany“ hasaplamagydyr.

Käbir adam çala başy agyryp, baldyry syzlasa dessine derman, melhem hökmünde tirýege ýapyşýar. Baş agyrmak, baldyr syzlamagam ýeke gezek bolup aýrylanok. Ol häli-şindi diýen ýaly gaýtalanýar.

Aslynda neşekeşlik diýlen zat geçmişden galan zyýanly nogsanlaryň esasylarynyň biri bolup, soňy ula sapyp gidýän dertdir. Türkmenistanda Sowet häkimiýeti berkarar edilmezinden ozal garyp-gasarlaryň käbiri soňuny saýman, tirýege baş goşupdyrlar. Şeýdibem olar öz agyr günlerini has-da kynlaşdyrypdyrlar. Sebäbi, neşekeşligiň toruna düşenlerinden soň, olaryň aladasy diňe bir maşgala eklemek bolman, eýsem neşe tapmak hem uly alada we dert bolup galýar.

Şol döwürde tebipler nähoş adamlara derman häkmünde tirýek etmegi ündäpdirler. Hut şonuň üçin bolsa gerek, häzirki günlerde-de oňa derman diýip, aldanyp ýüz urýanlar gabat gelýär. Barly, baý adamlaryň nähili ýagdaýda neşekeşlige bolandyklary bolsa öz-özünden düşnüklidir. Diňe meslikden, eýsem başga näme bolup bilsin!

Biziň häzirki durmuşymyzda hem tirýek diýen zäherleýji madda ýüz urup agyr neşekeşlige ýolugýanlara duşmak bolýar.

Elbetde, her niçik-de bolsa tirýege bir gezek agyz uranlar şobada neşekeş bolup gidýär diýip, kesgitli aýdyp bolmaz. Oňa uçraýanlar köplenç halatda durumsyz, özüne erk edip bilmeýän, sussupes, sadadan ynanjaň, gowşaksy, neşäniň täsiri netijesinde gaýgy-gussadan dynyp, rahatlanmak ýaly bolgusyz düşünjä ynanagan adamlardyr. Şeýle ýagdaýda ýeke gezek tirýege agyz uran adamlarda ony ikinji gezegem etmek meýli döreýär. Aslynda neşe örän özüne çekiji we küýsediji zatdyr. Tirýegiň bu häsiýeti barada il arasynda şeýle gürrüň bar: „Şu ýylyň belli bir gununde tirýek çeken (ilkinji gezek çekip gören) adam gelen ýylyň şol güni, şol wagt pallap başlaýar“. Ine şonuň üçin hem her hili ýagdaýda-da bu beladan gaça durmak gerek.

Pasiýentimiz Ataşda yzly-yzyna kelle agyry peýda bolýar. Bir gün ol özüni çakyzanyň biçak horlaýandygyny aýdyp, tebibe ýuz tutýar. Ol:

— Dermanyň gowusydyr. Ata-babalarymyz ulanyp gelipdir. Agyran badyna üç-dört baş çekseň, emiň-ýomuň şol bolar – diýip, oňa tirýek çekmegi maslahat berýär.

Tebibiň bu sözlerine güp ynanan Ataş şondan son kellesinde çala agyry peýda bolan dessine neşe etmäge başlaýar. Şonda ol özuni birneme rahatlanan ýaly duýýar. Onuň sebäbi bolsa, neşe beýniniň duýgy merkeziniň agyryny duýýan bölümlerini wagtlaýynça doňdurýar. Ýagny ukladýar. Şeýlelik-de, ol adamda bar bolan agyry-ynjyny az wagtlyk aýyrýar-da, ony azda-kände rahatlandyran ýaly edýär. Şonuň täsirinden bolsa neşe eden adamynyň zehinini birneme durlanan, akyl-huşy ýitileşen, süňňi ýeňläp, tijenen, gurplanan ýaly bolýar. Neşäniň täsiri netijesinde adamda şol wagt onuň başarmajak işi ýok ýaly

bolup duýulýar. Degişli beýni merkezleriniň küteleşmegi, duýgy damarlarynyň işiniň passiwleşmegi bilen alada-ünji, gam-gussa aýrylana dönýär. Emma neşekeşiň iň oňarýan zady — pinekläp, bolsady ekmekdir, Şeýle ýagdaýda ol guýlunyp ýatýar, hiç zada onuň gymyldasy gelenok. Ýumşajyk düşek, asuda, ýylyjak ýer onuň iň halaýan zatlarydyr. Neşäni ogryn edýän adamlary bu ýagdaý köplenç, halatda paş edýär. Sebäbi ol aşagyna eýlenen deri, ýumşajyk düşekçe atyp guýlünip çaý içmäni halaýar. Çaý mahaly keseki-hä dol, çagasy gapyny açsa-da halamaýar, yzgytsyzlanýar, maşgaladan daşlaşyp başlaýar, ýagny janynyň „gadyryny“ bilmäge başlaýar.

Kelle agyrysyndan dynjak bolup, neşä başlan Ataşda-da şeýle alamatlar ýüze çykýar. Birbada agyrydan dyna ýaly bolup meýmireýär. Şeýdibem ol özüni dertden halas etmek üçin häli-şindi diýen ýaly tirýege agyz urýar. Soň-soňlar bolsa sähelçe bahana tapsa (çala dümewlese-de) tirýek çekmäni çykarýar. Ine şeýlelik bilenem neşäniň çoçgaryň doly çolaşanyny onuň özem duýman galýar. Onsoň „derman“ onuň üçin düýpli derde öwrülýär.

Tirýegi derman hasaplap, oňa agyz urýan diňe Ataş däl gönüsinden gelsek, şeýle adamlar azlyk eder ýaly hem däl. Sebäbi, derman hasap edilýän tirýek agyryny „aýryp“, ynjyny «kesen» ýaly edýär.

Neşekeş hakykatdan kesellän mahalynda wraçlaryň işini juda kynlaşdyrýar. Sebäbi tirýek keselleriň aýry-aýry alamatlarynyň häsiýetini ýoýýar. Keseliň nähili keseldigini öz wagtynda dogry we doly kesgitlemäge päsgel berýär. Meselem, tirýek köriçegäniň sanjysyny peseldýär, ony doly duýmakdan beýnini mahrum edýär. Oňa mahsus bolan häsietli aýratynlyklary ýoýýar. Netijede keseliň

köriçegedigini anyklamak, ýaly aýdyşymyz ýaly, wraça juda kyn düşýär. Şeýle ýagdaýyň bolsa iriňlän köriçegeniň içine ýarylyp, ölüm pursatyny döredýän wagtlary hem bolýar. Şeýle pajygaly ýagdaýda bolsa, ilat köplenç wraçy günäkerleýär, „köriçegäni bilmeýändenem wraç bolarmy, aý, bularyň ýara daňmadan başga oňarýan zatlary ýok»... diýen ýaly bolgusyz gürrünler il arasynda ýaýraýar. Bu bolsa wraça iň derwaýys zatlaryň biri — ilatyň oňa bolan ynamyny peseldýär.

Dizenteriýa keselinde ganly iç geçmäni tirýek az wagtlyk kesýär. Sebäbi ol içegäni özüne gerek zerur suwuklygyny iteläp çykarmakdan mahrum edýär. Onsoň dert onuň bilen dep bolmaýar-da, ol yzygiderli gozgap durýan ýagdaýa geçýer we örän uzaga çekýär. onsoň şeýle adam, daşyndan göräýmäge, sag ýaly bolsa-da, ol ýokanç keseli ýaýradýan hownly çeşmä öwrülýär. Şu ýagdaýlara seredeniňde, tirýek diýlen zadyň näsag adam üçin derman däl-de, dertdigi — onuň näsagaň keselini beterledin, ony ölüm hownuna çenli alyn barýan zyýanly maddadygy aýan bolýar. Bu hakykatdanam şeýledir. Şonuň üçinem bolar-bolgusyz gürrüňe gulak gabardyp, Ataş ýaly tirýege ýüz urmak öz janyňa kast etmekden başga hiç zat däldir.

Gurban diýen jahyl ýigidiň tirýege ýüz urmagyna bolsa düýpleýin başga zat — samsyk gürrüň sebäp bolýar.

Bir oturylyşykda oňa birki baş sormagy teklip edýärler. Ol boýun towlaýar. Şonda oturanlardan biri:

— Al, birki baş dartyp gör, ertir gelnejem daşynda perwana ýaly pyrlanmasa gel-de: «Tüf ýüzüňe diýäý» — diýýär.

Bu gep böwrüni diňlemäge Gurbany mejbur edýär. Sebäbi, ol şonuň ýaly gürrüňleri, ýagny «tirýek aýal-erkek

gatnaşygyna oňaýly täsir edýär, erkeklik ukybyňy artdyrýar» diýen ýaly sözleri ozalam ondan-mundan kän eşiden eken. Onsoň ol bu sözüň magadyna ýetmek üçin tirýekden üç-dert ýola sorup görýär. Ol ertir turup, düýnki aýdylan sözlere “laýyk gürrüň” hasanlaýar. Emma ol uçdantutma edil munuň ýaly täsir etmeýär. Tirýek bu işde diňe Gurban ýaly, sadadan, yňdarma, netijede öz-özüni aldaýan adamlarda şeýle duýgy döredip biler. Gurban ine şeýle edip, her gezek “diluzynlyk» üçin tirýek çekmäni çykarýar. Netijede? Elbetde: bu düşnükli zat. Onuň özi süpük neşekeş, birki ýola bolan diluzynlyk bolsa, diňe arzuw bolup galýar.

Meret diýen ýetginjegiň neşekeş bolmagyna diňe gudumanlyk, läliklik, gopbamsylyk sebäp bolýar. Çünki, ol birniniň ýalňyz ýeke ogly eken. Ol ýaşlykdan lälik ösýär. Kisesi hemişe pulluja gezýär. Onuň ata-enesi: “Gözümiziň göreni ýeke çaga sowsun, ýaýnasyn” diýip, Meredi juda guduradýarlar. Emma olar şeýle terbiýäniň Meret üçinem, özleri üçinem güzap günleri taýýarlandygy barada pikir hem etmändirler.

Lälik ösen Meret bolsa ilki çilim öwrenýär. Soň heniz işşekçer jahylka özi ýalylar bilen häli-şindi ogryn-dogryn içmäni çykarýar. Sähel bahana tapsa (ylgamakda mekdepde birinji orny eýeläni, täze kostýum, matematikadan alan “bäşligi” üçin) öýde ýoldaşlary bilen oturylyşyk etmäni çykarýar.

Ýöne heniz gögele, akyly goýalmadyk ýigdekçe üçin bu “çygyr” dar görnüp başlaýar. Ata-eneden zowal bolmansoň ol soňabaka ilki içip, yzyndanam tirýekden keýpini kökläp, aýaklanmadyk köşek ýaly, gijäniň bir mahallary öýe köwlenip ugraýar:

Bir söz bilen aýdylanynda, neşe edýän adamlaryň her haýsysy birhili ýol bilen oňa ýüz urýar. Olaryn neşä ýüz uruşlary barada ýokardakylardan başga-da, ençeme mysallar getirse bolardy. Ýöne başda belläp geçişim ýaly, adamlaryň köpüsi tirýegi däri-derman hökmünde ulanyp, köpüsi bolsa toý-tomgularda ýa-da oturylyşykda edilýän hödür-kerem arkaly, jalataýlyk ýa-da yndarma ynanjaňlyk zerarly ýüz urýarlar.

Tirýek olaryň köpüsini özüne ilkinji agyz uran pursatyndan başlap, öz „toruna“ çolaşdyryp ugraýar. Olar, ýagny, neşä ýüz uran adamlar wagtyň geçmegi bilen, öz daşlaryna kerebiň aýlanyp, çoçgara kemsiz çolaşandygyna göz ýetirýärler. Emma olaryň köpüsi üçin bu giç bolýar. Şeýle adamlar neşä agyz uran şol ilkinji günlerine nälet okaýarlar. Emma köplenç „soňky tüýkülik sakgal ezerden“ ejiz gelýär. Şonuň üçinem iň gowusy, soň ahmyr etmez ýaly, ilkibaşda berk durmak — bu bela-betere oýundan-çyndan ýanaşmazlykdyr.

Adam tirýege nähili uýgunlaşýar, näme üçin men diýen adamlar hem onuň sadyk guluna öwrülýär? Sary diýen ýetginjegiň aýtmagyna görä, ol bir gün toý oturylyşygynda tirýek çekip oturanlaryň ýanyna barýar. Otagdakylar oňa: „Gel-gel!“ boluşýarlar. Sary bu ýerde çekinere adam bolmansoň, oturanlaryň ählisi öz deň-duşy, dost-ýary bolansoň, soňuny saýman, asla bu barada pikirem etmän „bir gezejik“ mürehete ýakynlyk edýär. Sebäbi, ol öň käbir adamlardan tirýegiň diýseň gowy täsir edýändigi baradaky gürrüňi köp eşidipdir. Şonuň üçinem ol bu ýagdaýy synap görmek üçin kagyz lülä ýapyşýar.

Ol şol ýerde öz aýdyşy ýaly, „keýpini kemsiz kökleýär. Az salymdan soň, oturanlaryň biri:

— Nädýär? — diýip soraýar.

Sary başam barmagyny gaýşardýar:

—Şuň ýaly!

Emma ol bu az salymlyk keýpiň soňunyň näme bilen gutarjakdygyndan bihabar bolansoň, çekme kemini goýmaýar. Süňňi ýeňläp, akyly durlanan, dili süýjän ýaly duýulýar. Ertesi ol ýene-de düýnki derejesine ýetmek üçin ýene bir gezek: tiryek çekip görýär. Edil şol taýdakysy ýaly üç-dört baş sorup görýär. Emma näme üçindir düýnki ýaly keýp alyp bilmeýär. Onsoň şol derejesine ýetmek üçin ol ýene birki baş sorup görýär. Şeýlelikde, ol keýpe kowalaşyp, ogryn-dogryn, her gezekde öňküsinden artdyryp, tiryek çekip başlaýar, sähel wagtda neşeksş bolanyny duýman galýar. Garrylyk barada köne bir rowaýat bar. Onda şeýle diýilýär: „Adam ýigitkä şeýtan, ýagny garrylyk onuň dabanynyň aşagynda bolarmyş, adam ony depelär ýörermiş, ol soňabaka, kem-kemden adamynyň dyzyna, onsoň biline çykarmyş. Iň soňunda-da adamynyň depesine çykyp, onuň ygtyýaryny elden alyp, etjegini edip hahahaýlap oturarmyşyn“.

Tiryek hem edil şol „şeýtan“ ýaly hereket edýär. Sagdyn adamda neýrogumoral sistema endorfinleri we enkefalinleri işläp çykarýar. Şonuň netijesinde adamda ownuk agyry-ynjylar bolmaýar. Sebäbi, ol jisimler agyry-ynjyny aýyrýar. Tiryek damarlaryň duýgy derejesini peseldip, endorfinleriň we enkefalinsleriň agyry-ynjylary aýyrma ukybyny öz üstüne alýar. Üstesine-de olaryň organizm tarapyndan işlenip çykarylyşyny azaldýar. Onsoň tiryek edip ýören adam, ony etmesini birden kesse, ol agyra-ynja çydaman çabalanyp başlaýar. Sebäbi, ýaňky belläp geçişimiz ýaly, tiryek endorfinleriň we

enkefalinleriň mukdaryny has azaldýar, olaryň yza garşy göreş ukyby peselýär. Tirýegi goýmagyň aňsat dälligi hem şundan gelip çykýar. Tirýek goýlan soň ol jisimler wagty bilen öňki derejesine gelip bilmeýär. Bedende agyryny aýyrýan jisimler juda azlyk edýär. Diýmek, üstesine tirýegem ýok. Şonuň netijesinde bolsa, ol adam endamyndaky yza çydap bilmän, gaýtadan neşä ýüz urmaly bolýar. Şeýdibem, ol her gezek agyry-ynjylardan dynjak bolup, „şertim-şahyma“ etmeli bolýar.

Neşekeşlige uýgunlaşmaga ýene bir ýagdaý sebäp bolup biler. O-da bolsa adamyň durumsyzlygy, onuň namartlygyny özüne erk-ygtyýar edip bilmezligidir.

Haýsy hem bolsa bir oturylyşykda bir adam neşe edip ýör diýeliň. Ondan üýtgeşik bir keýpem alyp bilenok. Emma şeýle-de bolsa ol ikinji gezek «gel-gele», «al-ala» höwesek topulýar. Ikinji, üçünji gezek ýene-de şol hereketini gaýtalaýar. Soňabaka bolsa öz nebsine buýrup bilmän, öz başyna hödür-keremsiz başlaýar. Şeýdibem, ol wagtyň geçmegi bilen ýuwaş-ýuwaşdan neşä uýgunlaşyp gidýär, ýaňky ýatlan rowaýatymyzdaky mekir „şeýtany“ depesine çykarýar. Sebäbi olam özüniň soň neşekeş bolup gitjekdigi barada akylly-başly oýlananok. Çünki, şeýle adam öz-özüne gyjalat berip bilenok, erkini tirýege berip, ol bihaýa. bigaýrat bolýar. Akylly-başly, arly-namysly bolsa, öz soňky düşjek güni barada oýlanyp «Beýdip gidene ýeňňe, gelene baldyz bolup ýörenden-ä...» diýip pikir edip, ondan daşlaşmak bilen bolardy.

## TIRÝEGE WAGTAL-WAGTAL ÝÜZ URLUŞY

Tirýegi ep-esli wagt arasyny üzmän, öz aýdyşlary ýaly şol bir «edýänje» wagty atan ýa-da çeken adam uzaklaşman ona endik edýär. Onsoň ol gije-gündiziň dowamynda tirýelsiz oňup bilmeýär. Emma tirýekkeşligiň il içinde aýdylşy ýaly, «degdi-gaçdy» görnüşi hem bar. Neşekeşleriň toparyna ony pişe edinmedik, arasyna wagt salyp bil süpüklik derejesine etmedik adamlar girýär. Şeýle tirýekkeşlere toý-tomgularda, oturylyşyklarda, ýagny gabat gelen wagty tirýek çekip, bolmadyk wagty hem onup ýören adam mysal bolup bilerler.

Başda belläp geçişimiz ýaly, tirýek ähli adama deň derejede täsir etmeýär. Ol sadadan ynanjaň, bolgusyz gürrüňlere gulak gabardagan, suwumsyz, hetdini tanamaýan, haýsy bolsa bolsun, soňuny saýman oňa baş goşýan adamlara täsir edýär. Emma sagdyn, özdiýenli, mýerdemsi adamlary we ol bada-bat özüne çekip bilmeýär.

Oraz diýen biri bizin bilen bu barada keýpihon gürrüň etdi. Ol ilkinji gezek 20 ýyl mundan ozal tirýek «dadyp görenligini aýdyp şeýle diýdi:

—Ýaş etginjek, heniz beýni bekemedik wagty-da. Deň-duşlarymyň biri öýlendi. Şagalaňa adam birneme geterilýär eken. Soň bir ýerden tirýek getirip mundanam çekäýmezmiň. Dogrusy käbiri eplenişip «yhlas» edip ýatsa-da, men-ä birbada hiç zat duýmadym. Mugt tirýek, onsoň ýene çekdim, garaz, ýedi-sekiz gezeg-ä sordum öýdýän. Soň birden baş aýlanan ýaly bolup, ýüregim bulanyp başlady. Daş işikden zordan özümi okladym, pagladyp ilmasgarasy boldum, ähli iýen-içenlerimi gaýtardym. Soň ep-esli wagt tirýek diýen zada golaýyna baran däldirin.

Ýöne adam gezip ýörse näme, günde toý diýýär, beýleki diýýär. ýene-de şonuň ýaly çakylyk tapylýar. Şeýle günleriň birinde ýene çekip görmeli boldum. Edil öňkim ýaly, bäş-alty gezek sordum. Emma bu gezek öňki ýaly masgara etmedi. Halys ol taryp edişleri ýaly bolmasa-da, az-kem süňňüm ýeňledi, birhili göwrümim giňäp, şähdim açylan ýaly etdi. Aý, men onuň neşesini bilemok öýdýän, sebäbi ölüp-öçüp baramok. Maňa boldam-bolmadym bir ýaly. Ýöne şondan bärem toý-tomguda, ýa biriniň şonuň ýaly başga bir oturylyşygynda gabat gelse birki baş soraýmam bar. Emma ony pişe edineýin niýetim ýok, şonuň üçin ýörite gözlegine-de çykamok, çykjagam däl. Ýaňky diýşim ýaly, bir sebäp bilen gabat gelse-hä soraýýaryn, bolmasa-da gezep ýörün. Ony ýanyma götereýin ýa-da ýörite çekeýin diýip eger-eger pikirem edemok.

„Gabat gelse edýärin, ýogsa-da gezip ýörün“. Ine, şeýle-adamlara «degdi-gaçdy» tirýeki diýilýär. Şeýle adamlar «azaryma-da däl» diýýärler. Emma toý-tomguda ýa-da oturylyşykda olaryn „azarynadygy“ ýa-da däldigi, daşyndan synlasaň hem bes-bellidir. Şeýle adamlar „gabady“ gelende köwejekleýär, her edip, hesip edip töre (neşe çekilýän ýere) geçmäge çalyşýar. Çemesini tapsa (ol ýere çaý elten bolýar, boş çäýnek soraýar we ş.m.) barýaram. „Suw meýilli gurbaga bir dürtseň iki böker» diýen ýaly, sähel indelse şobada-da göwünjeňlik bilen olaryň arasyna sokulýar. Şeýle ýagdaý häli-şindi gaýtalanyberse oňa uýgunlaşjagy ikuçsuzdyr.

Süpük bol ýa-da «degdi-gaçdy» bol, neşekeşligiň hiç haýsynyň hem adam üçin, onuň saglygy, guratlygy üçin hiç hili haýry ýok. Ol diňe ýaramaz, gündelik islege öwrulen

zerurlykdyr. Ondan zyýandan başga zat bolup bilmez. Sebäbi, onuň örän ujypsyzja bölejigi düşeniňde-de, adam organizminiň işleýiş kadasyny ýoýup, ony zäherläp bilýändigini praktika gerkezýär.

## TIRÝEKKEŞLIK WE ONUŇ STADIÝALARY

Adamyny neşekeşlige nämeleriň itergileýändigi, onun nähili ýagdaýda neşekeşlige ýüz urýandygy barada birnäçe mysallary, faktlary başda agzap geçipdik. Şu ýerde onuň ýene bir sebäbini ýatlap geçmek gerekmikä diýýäris. Kähalatda adamynyň neşekeş bolup gitmegine biziň wraçlarymyzyň sebäp bolýan pursatlary-da bolýar. Bir adam haýsy hem bolsa bir derde uçrap, köriçege çişip ýa-da aşgazana baş örüp operasiýa edilipdir diýeliň. Şondan soň näsagyň agyrysyny-ynjysyny basmak üçin oňa düzüminde narkotiki madda bolan ukol edýärler. Aslynda operasiýadan soň nähoşa bir ýa iki gezekden köp ukol edilmän, ona agyry-ynjy aýyrýan ýönekeý dermanlar berilýär. Emma bizin käbir wraçlarymyz bu kadany bozýarlar-da, näsaga narkotiki madda garnuwy bolan ukol etmegi ençeme günläp dowam etdirýärler. Şeýlelikde, näsag ukola endik edýär-de, wagty geleninde ýene şony küýsäp başlaýar. Sebäbi oňa ýene-de şol rahatlyk, şol ukol ýa-da onuň deregini tutaýjak derman gerek bolýar. Ine, onsoň näsag wraça ýüz tutup özelenip başlaýar. Ýa-da wraçyň tanşyny tapyp özüne ukol edilmegini ýa-da şonuň deregini tutjak dermanlaryň berlip durulmagyny gazanýar. Juda ony başarmadyk ýagdaýynda bolsa, jögülik edip, „ol ýerim agyrýar. bu ýerim agyrýar» diýip, nadaralyga ýüz urýar. Wraçlar köplenç halatda, şeýle ýagdaýda ýüzleýlik edýärler.

Ine, käbir adamlar şeýle ýagdaýda hem neşekeşligiň ilkinji basgançagyna aýagyny atýarlar. Şeýle adamlara «taýýarja» neşekeş diýmek bolar, sebäbi olar derman tapmadyk güni, ara wagt salman, tirýek ýa bolmasa göknar gözlegine çykýarlar. Onsoň keselhanadan çykanlaryndan soňam gyt dermanlaryň gözlegine çykýarlar. Eger küýseýän dermanyny ele salyp biläýselerem, ilki 1-2, soň onuň sanyny artdyryp 4-5-deň atyp başlaýarlar. Neşeksşlik bolsa gün geldigiçe güýjeýän keseldir. Ol adamynyň ruhy dünýäsine zarba urýar Mundan başga-da nerw we somatiki keselleriň döremegine sebäp bolýar.

Tirýegiň iň erbet tarapy — ol her gezekde adamynyň bedeninde yz galdyrýar, sebäbi ol her gezek gana geçýär. Tirýek soňabaka gana mahsus element hökmünde onuň düzümine girýär. Ine, onsoň tirýek baryp durmasa adamynyň ýagdaýy juda ýaramazlaşýar, beden hem öz gezeginde her gezek onuň möçberiniň artdyrylmagyny talap edýär. Tirýek 10-15 gün edilenden soň adamda neşä gyzyklanma we höwes döreýär. Emma bu höwesi adam birbada gizlinlikde saklamaga çalyşýar. Ol çekse-de, tirýek atsa-da del gözden çeke duranyny kem görenok. Ýöne ony etmänem oňup bilenok, sebäbi etmedik wagty nämedir bir zady kem ýaly bolup durýar. Ýerliksiz ýere keýpi gaçyp, haly perişan bolýar. Iş bilen seri bolmaýar. Onuň bar kuýi-köçesi neşede jemlenýär.

Şeýle ýagdaýda neşe eden adamynyň birbada keýpi kökel-ýär, onuň endamynda gijilewük peýda bolýar, ol gart-gart gazynyp başlaýar. Bu ýagdaý süpük tirýekkeşlerde ýuze çykmaýar. Käbir neşä baş goşan adam başlangyç stadiýada öz ýagdaýyny gowulandyrmak üçin edýän tirýeginiň mukdaryny gün geldigiçe artdyrmaly

bolýar. Onsoň ol adam neşe etmesini ýygjamlaşdyrýar. Şeýle ýagdaýda ol neşe etmesini dowam etdirse aňyrsy iki-üç aýyň içinde neşä mazalyja uýgunlaşyp neşekeş bolup gidýär. Muňa neşekeşligiň ilkinji basgançagy diýilýär.

Neşekeşligiň ilkinji basgançagyndaky adama bu beladan dynmak kyn däl. Sebäbi, aşgazanyň, içege mäzleriniň, ýürek-gan damar, beýni hem oňurga ýiliginiň nerw sistemalarynyň, bagryň işleýiş kadasy doly bozulyp ýetişmeýär. Onuň bedeninde heniz onçakly agyry-ynjy döremeýär, ýöne öňki endige görä ýürek küýsemesi güýçli bolýar.

Neşekeşligiň ikinji basgançagynda neşe edýän adamynyň doýdumy-doldumy bolmaýar. Şeýle adam näçe tapsa, ýerinden galman çekýär. Özünem ol muny aç-açanlykda edýär. Sebäbi, ol adam öň özüne neşekeş diýlerinden çekinen bolsa, ikinji basgançakda haýa perdesini ýüzünden doly syryp taşlaýar. Tirýek näçe köp çekilse, şonça-da çykdajy gerekdigi hemme aýan zat. Şol çykdajy üçin bolsa neşekeş öý goşlaryny satmaga, hatda ogurlyga. dürli pyssy-pyjurlyga ýüz urýar. Çagalarynyň agzyndan kesip tapanyny tirýege berýär. Çagalary hor-homsy ýaşaýarmy, olar kemsinýärmi, ol bu zatlary azar edinmeýär. Sebäbi, tirýek onuň üçin ähli zatdan öňe geçýär.

Neşe näçe köp edildigiçe adama şonça-da zyýandyr. Sebäbi, tirýek edileninde ol adamynyň içki organlaryna özüniň ýaramaz täsirini ýetirip, olaryň işleýiş sazlaşygyny bozýar. Neşekeş tirýek tapman, azarlan wagty gören zadyna agyz urup görýär, tirýegiň ornuny tutar öýden dürli dermanlaryny goşawuçlap atýar diýsek hem öte geçmesek gerek. Spirtli içgileri içip görýär. Emma öz diýen göwün küýsegine ýetip bilmeýär. Şu ýerde kiçijik bir mysal

getirsek, aýtjak bolýan zýadymyz has aýdyn bolarmyka diýýäris. Neşekeşlik barada gürrüň gozgalanda oba ýaşulularyndan biri şeýle zady aýtdy:

„Edil urşuň öňüsyrasynda obamyzda Soltan tirýekkeş diýen bir garry bardy. Biz ol mahallar oglandyk. Soltan tirýekkeşem hemişe gawuna sakçy durardy. Onuň belli häsiýeti bardy. Uzynly gijäni aýdym aýdyp geçirerdi. Bir gije Soltan tirýekkeşiň sesi eşidilmänsoň, gawun ogurlygyna ugradyk. Oglanlyk-da, ýogsam, iýmäge barsaň şeýle-de berýär-le! Biz iki-ýeke basyp ekine golaýladyk, diň saldyk, ses-üýn ýokdy. Birdenem iňňildi eşitdik, ylgap barsak Soltan aga joýanyň içinde erbet halda ýatyr. Onuň dodaklary kepäpdirmi ýa-da dili çişip agzyna syganokmy, onçasyny aýdyp biljek däl, gijäniň içinde görüp bolanok. Ýaşulynyň haly juda teň bolansoň, ikimiz ýanynda galyp, birimiz oba ylgadyk. Ýoldaşymyz tiz wagtdan bir topar adamy alyp geldi. Olaram ýene birini gyssagly oba iberdiler. Şeýdibem Soltan tirýekkeşi gijäniň içinde furgona salyp alyp gaýtdylar. Bolup ýatyşyny gerende-hä umyt ederlik ýokdy welin, hernä ölmän galdy-aýt!

Özümi diýseň gyzyklandyran bu wakanyň sebäbini anyklamak üçin Esenmyrat aga sowal berdim:

—Soltan aga diýýäniňize näme bolan eken? — Näme bolar öýdýäň — diýip, Esenmyrat aga çalarak ýylgyrdy. — Tirýegi tükenipdir. Ol wagt derman diýen zadam Aşgabatda birki ýerde — dermanhanada bolardy. Onam dogtor hat bermese özbaşdak almalydyram öýtmezdik. — Ol adamlaryň ýüzüne birlaý göz gezdirdi. —Biz tirýek diýlen peläketiň asly kem rysgaldyr. Bol diýlen wagtam muny arkaýyn çekdim ýa atdym diýen adam tapmarsyň. Bu gedaýa ýanaşdygyň senem gedaý eder.

Men ýene sowal bermekçi boldum. Ol muny anan bolara çemeli, ýüzüme az salym seredip oturdy-da:

—Tirýek tapman, çakjagundyzyň bir gysym dänesini ataý-sa nätjek?

Men gözlerimi elek-çelek etdim:

—Ona dänegerçegem, itöldürenem diýýändirler.
Awuly çöp özi-hä — diýdi».

Neşekeşligiň ikinji basgançagynyň esasy alamatlarynyn biri azarlamakdyr. Bu alamat neşekeş tirýegini goýjak bolup synanyşan gününden iki-üç gün geçenden soň başlanýar.

Neşekeşligiň ikinji basgançagyna münene neşesini goýmak kyn düşýär. Sebäbi neşe edýän adam onuň birinji basgançagynda agyry-ynjylary o diýen duýmaýan bolsa, ikinjide etmedik wagty neşekeşiň bedeninde aldaýjy agyry peýda bolýar. Şonuň ýaly-da neşe goýjak bolýan adamyň ynjalygy bolmaýar. Bir ýerde durup karary ýetmeýär. Içerde otursa dört diwar gysyp-gowrup barýana dönýär. Daş çyksa-da giň jahan oňa dar görünýär. Sebäbi onda azarlama güýçli bolýar. Endam-jany soka salnana dönüp, bogunlary ýazyp, damarlary gyrlyp, etleri üzülip barýan ýaly bolýar. Täret edeninde içinden gan geçýär. Bulardan başga-da azarlan adam diýseň yzgytsyz bolýar. Ýanyndakylaryň, ýagny, çagalarydyr aýalynyň edýän hereketleri oňa ýakmaýar. Onsoň ol sähelçe bahana tapsa olara haýbat atyp başlaýar.

Orazmyrat diýen bir adam on ýigrimi ýyllap yzygiderli tirýek çekip gelipdir. Soňky ýyllarda neşe ýaýradyjylara we neşekeşlere garşy barlyşyksyz göreş alnyp barlansoň neşe tapmak hyllalla bolýar. Gytaldygyça onuň nyrhy artýar. Neşekeşleriň dili bilen aýtsaň: «Tirýek

diýlen zat keýigiň şahyna münýär. Ozal-a puluny tapyp bolanok, bardy-geldi tapaýandada: „Gaýrat et, agam!“ diýip, özüňçe bara-ýoga ýalbaryp ýörmeli bolýar!“

Onsoň Orazmyrat neşeden el üzmegi ýüregine düwýär! Ýöne ol meseläni özbaşdak çözmäge synanyşýar.

Birki gün ol başyny basyrynyp, dulda güýlünip ýatýar. Üçülenji gün diýleninde onda halys ysgyn-mydar galmaýar. Gözleri bulaşyp, olaryň şöhlesi öçýär. Bütin endam-janynda aldaýjy agyry peýda bolýar. Ol çapalanýar, janyna jaý tapman, arkasyny, aýaklaryny depeledýär. Endamy. esasanam, dabanynyň aşagy gyzyp, lowlap ot alyp barýana dönýär. Bir ýerde oturara sabyr-takaty etmeýär, sähel gymylda, şakyrda çydaman ýaraly gaplaňa dönýär. Sähel zat üçin eline ilen zady dazyrdadyp çagalaryna salýar.

Öň ýatsa ýorgany, galsa söýegi hasaplanýan aýaly gözüne ýigrenji görünýär. Ol öňüne çaý äberse çaýyna, nahar äberse naharyna at dakyp başlaýar.

Bir hepde geçmänkä ol zynjyrlaýmaly dälä dönýär. Onuň her günki azary zerarly maşgalada uly başagaýlyk döreýär. Häli-şindi goh-galmagal asmana galýar. Aýaly bu ýagdaýa çydap bilmän, gaýyn enesini alyp gelýär. Orazmyrat ejesinem sylaman oňa-da ite diýmezini diýýär. Onuň adamçylyk çygryndan çykyp, turuzýan goh-galmagalyna ene görgüli çydaman:

—Men näme diýip, näme aýdaýyn, çagalaryň ile çykarlygyny goýmadyň! Biz naçarlara rehimiň insin ahyryn! —diýip, ýalbaryp aglamaga başlaýar. Emma Orazmyradyň neşe buzuna doňan ýüregi eremeýär. Halys jany ýanan ene ýalbarmakdan geçip, ogluna gargamaga başlaýar.

—Beren ak süýdüm haram bolsun, iýdiren duzum tutsun-da seni! —diýip, gelnini, agtyjaklaryny öz ýanyna alyp gidýär.

Orazmyrat giden giň howlynyň içinde ýeke galanyndan soň, has-da kyn ýagdaýa düşýär. Içi gysyp, dälilik kaddyna golaýlaýar. Dünýä sygman, nirädir bir ýerlere başyny alyp ümdüzine tutduryp gidiberesi gelýär. Ahyrynda-da ol azara çydaman, öýüň içini dörmäge başlaýar. Agdar-dünder edişdirip ýörkä-de aýalynyň ýygşyryp goýanja az-owlak sowalgasynyň üstünden barýar. Gözleri oýnaklap, ol gyzylly halka el ýetirene dönýär. Dessine eşiklerini geýip, hemişekije tirýek alýan ýerine tarap düňk ýasaýar.

Ol ep-eslije tirýegi alyp gelip, çekmäge oturýar. Üç-dört gezek soranyndan soň, gan damarlary kadaly ýagdaýa gelip, ýüreginiň urşy birneme gowulanýar. Beýnisi durlanyp başlaýar, ýe-ne bir şonçarak soranyndan son bolsa, onuň endamyndaky agyry-ynjydan nam-nyşan galmaýar. „Adam kaddyna“ gelen Orazmyradyň ýuwaş-ýuwaşdan keýpi göterilip, burnuna salybrak hiňlenjiräp başlaýar.

**Çeksem senden meň bir şa,**
**Çekmesem misli geda,**
**Mes edip çendenaşa,**
**Keýpim göterer sen-sen.**

**Müň derde däri-derman,**
**Bolsam adyňa gurban,**
**Hiç çekmenem men arman,**
**Tapylyp dursaň sen-sen...**

Orazmyrat sesini birden tapba kesýär. Onuň ýadyna iki-üç günlükde bolup geçen wakalar düşüp, göz öňünde çagajyklarynyň, aýalynyň, ejesiniň keşbi peýda bolýar. Uludan dem alyp, iki eli bilen kellesini tutýar. „Eý-ho, bu bolup ýören zatlary diýsene! Eger-eger ynanar ýaly däl. Ejemiň ýanyna baraýyn, ondan ötünç sorap, çagalarymy alyp gaýdaýyn. Ejem näme diýerkän? Gahary mazalyja geldi öýdýän? Ýagdaýymy bolşy-bolşy ýaly düşündireýin. Belki, düşünip, öýkesi ýazylar...» Şeýle oýlary kellesinde aýlap, ol ýola düşýär.

Enäniň sähel zada göwün synmaýar – eger synaýsada... Ýöne ene ene bolýar. Orazmyrat dyzyna çökýär:

—Eje, nädeýin, ähli günoň özümdedigini bilýän. Bir wagt baş goşulypdyr. Indem arany açyp bilemok. Düýnki gopgunam şu awulykdan. Taşlajak bolýan, bolanok. Gördüň-ä özüň! Önräkden bäri synanyşýan welin, eger-eger bolar ýaly däl. Iki gün çydam edip ýatdym. Içimden ikli gan geçdi. Dabanymdan depäme çenli bolsa lowlap barýar. Onda-da çydajak bolup iki büküdip ýatdym. Üçülenji gün bolsa tasdan däliräpdim.

— Tas nire, dälireme kemiň galmady-la!

— Hawa, eje däliredim. Onda-da zynjyrlaýmaly boldum Goýaýaýyn diýdim-dä!

— Goýjak bolsaň hökman şeýdip, çagalaryny gyran-jyran edip goýmalymy? Dogtora bar. Hany, ol ýerde agyrtman-ynjytman goýdurýamyşynlar diýýerler-ä.

— Ol-a şeýledir welin, ony etmedim-dä.

— Näme üçin?

— Oň bir ullakan üçini ýok. Namartlamaýyn diýdim-dä.

— Namartlamaýyn! Düýnki bolup oturyşyň mertlikmi eýsem?

— Ol-a şeýle-le!

— Mert adam ozalyndan bu teýkary çykmyşy agzyna almaz

— Beýle agyr neşe bolaýaryn öýtmedim-dä.

— Şeýtde özüňem, çagajyklaryňam kösede ýör indi.

— Eje, beýdip ýörmen, ýüregime düwdümmi, düwdüm. Hökman taşlaryn. Hany, meň çagalam görnenok-la.

— Çagalaryňy görjek bolsaň tirýek goýdurylýan ýere gidip, şol artypdan mazalyja arany açanyndan soň gelersiň.

— Ýeri, bolýa-la eje, beýtmesene, meň gaty çynym.

— Meňkem ýalan däl.

— Eje, beýtme, ýalbarýan, soň diýeniňi edeýin, dogtora gideýin.

Ogluna dözmedik ene birneme köşeşdi:

— Çagalaryň daş ýerde däl. Iliň çagalary kakasyny görse „Kakam gelýär“ diýip öňünden çykýar. Seňkiler bolsa kakadan bez bolupdyrlar.

Orazmyrat aýalyny, çagalaryny öýe alyp gelýär. Neşesini goýjakdygy barada aýalyna söz berýär.

— Dogtora girip ýatyp goýsana! — diýip, aýaly oňa ýalbarypdyr.

— Ýok, maňa beý diýme! Il näme diýer?

— Orazmyrad-a oňaraýypdyr diýerler.

— Edil hemmesi beý diýip durmaz. Özüm synanyşaýyn. Sen azajyk sabyr et! Şu günden başlap ýene synanyşjak. Şu wagt synanyşmasam soň wagtam tapyp duraryn öýdemok. Işe başlamaly wagtam ýetip gelýändir. Çynyrgatmasam bolar ýaly däl. Işde-de bir gönençlik berip

baramok. Munuň oýny köp. Meni ýene-de öňki kaddyma ýetirer. Düňläp duran däli bolmagymam mümkin. Ýöne sen gaýrat et. Ejemiň üstüne gidip o görgüliň bir ýüregini çişirme. Soň hemmesi gowy bolup düzelip gider. Men özüm-ä oň şeýle boljagyna ynanýan.

Orazmyradyň ýagdaýyna aýalynyň rehmi inýär, onuň bilen ylalaşýar.

Orazmyrat neşesini goýmaga ýene synanyşýar. Edil öňküsi ýaly hassa bolup ýatýar. Endam-jany owum-döwüm bolup, kül-uşaga dönýär. Erbet towlanyp, içinden gan geçýär. Soňundanam şol dünýä sygmazlyk, ýersiz-ýere yrsaramak ýagdaýy başlanýar. Öýüň içinde ýene goh-galmagal artýar. Ýöne Orazmyradyň aýaly «Dawa bir bolsa. jenjel iki etmän» başardygyndan adamsynyň ugruna sürýär. Onuň bir diýenini iki gaýtalatmaýar. Şeýle-de bolsa, azarlama çydam etmeýän Orazmyrat onuň üstüne ýerliksiz gygyrýar. Sähelçe bahanajyk tapsa, uly goh turzup azar ýamanyny berýär. Ýöne aýaly özüniň şol bir hoşamaýlygyny elden berenok. Onuň ýersiz-ýere berýän azarlaryny mertlik bilen çekýär.

Şeýle ýagdaý maşgalada üç hepdeden gowrak dowam edýär. Şondan soň ýuwaş-ýuwaşdan Orazmyradyň endamyndaky azarlar aýrylyp başlaýar. Öňki yraň atyp duran göwre gün geldikçe özüni tutup ugraýar. Ozal häli-şindi tisginip ukusyny doly alyp bilmeýän, ýatanda-da elhenç düýş görüp, zähresi ýarylan ýaly oýanýan adam, indi kem-kemden ukusyny alyp ugraýar. Işdäsi açylyp, gözleri ýitelýär. Göýä diýersiň öň suwy ýetmedik nahal ýaly süllerip giden adam, suwy ýetip, şaha ýaýradýana dönýär. Birneme gurplanyp endamyndaky agyry-ynjylardan dynan Orazmyrat hemişekisi ýaly öýüň bir

dulunda bükülip ýatman, daş-iç çykyp ugraýar. Zähmete bolan höwesi artýar. Howlynyň içindäki öň ugur-utgasyna seredilmän dagap giden zatlary tertibe salyp başlaýar. Howlynyň, jaýyň käbir ýykylan ýerlerini iş edinip, gül ýaly edip suwaýar. Işe başlanynda bolsa, onuň höwesi artyp, kollektiwdäki ýaryşa höwes bilen goşulýar. Orazmyrat şeýle ýagdaýda neşeden dynyp, maşgalasyna täzeden gaýdyp gelene dönýär.

Hawa, Orazmyrat janyna agram salyp, mertlik edip, neşesini goýýar. Ýöne beýle ýagdaýda neşe goýmak maslahat berilmeýär. Onuň adamyny ölüm howpuna eltmegi mümkindir. Şu ýerde «Onda näme Orazmyrat öläýmedi?» diýen soragyň ýüze çykmagy mümkin. Ol ýaş, diýseň sagdyn hem-de daýaw adam. Onuň bu sypatlary onuň diri galmagyna doly sebäp bolup biler. Eger onuň ýerine başga bir garry ýa-da şikesli bir adam bolan bolsa onda onuň ölmegi gaty ähtimaldyr. Şonuň üçinem kim neşeden dynmagy ýüregine berk düwse, hökmany ýagdaýda narkologiki dispansere ýerleşmelidir.

Käbir ata-eneler bolgusyz sebäplere görä, ýagny, bir ýerleri agrynynda çagalaryna derman hökmünde tirýek berip, olary ýaşlykdan. neşekeş edýärler. Mundan başga-da tirýekkeş eneler öz suýdüniň üsti bilenem öz çagasyny neşekeş edip bilýär. Şeýle çagalara hem birden tirýegini taşlatmak gorkulydyr. Olar ýaly çagalara tirýek goýduryljak bolanynda hem hökman wraça ýüz tutmak maslahat berilýär. Neşekeşligiň ikinji basgançagynyň ahyrlarynda we üçünjisiniň (süpüklik derejesiniň) başlarynda neşekeşiň daşky keşbinde-de uly özgerişlikler

bolup geçýär. Ol juda hor düşýär, arryklaýar. ýüzi ýygyrt-ýygyrt bolup, öz ýaşytdaşlaryndan has garry görünýär. Ýüzi kül reňke öwrülip, saçy agarýar, hamy gurana dönýär, onda nem galmaýar. Eşidiş, duýuş, görüş organlary kütelişýär, şeýle hem ol köplenç çommalyp oturmany, küýkerip ýöremäni çykarýar. Tirýegiň suwuny damaryna sanjýan neşekeşleriň sanjylan ýerleri garalyp, menek-menek yz galýar. Damaryň iňňe sanjylan ýeri gatan sanaja dönýär, ýarylagan bolýar. Tirýek sanjym arkaly hamyň aşagyna goýberileninde bolsa hapalyk zerarly iriňli baş döreýär. Eger-de şol iriňiň azajyk mukdary gana düşse, onda ol gany hapalap, sepsis diýilýän ölüm howply keseli deredýär.

Neşekeş ikinji basganҫakdan ýuwaş-ýuwaşdan onuň üçünji basgançagyna geçýär. Bu basgançakda ol neşäniň mukdaryny azaldýar, sebäbi, onuň organlary we onuň sistemalary wagtyň geçmegi bilen tirýegiň zäherleýji maddalaryna çydam edip bilmän haraplanýar. Şonuň üçinem az mukdarda edeninde-de tirýek onuň mädesine degýär, ýüregi endireýär, agzyň tagamy üýtgeýär.

Üçünji basgançaga münen, dünýeden doýgun neşekeş çaga--çugasyndan, dogan-garyndaşlarypdan geçýär. Ähli küý-köçesini neşä berip, bir özi sopbaş bolup galýar. Wagtly-wagtyn-da ýuwunman, garagäz bolup gezýär. Üst-başyna asla üns berenok. Şu derejä baran käbir neşekeş örän ynjyk we gahar-jaň bolýar. Dünýä içi ýanyp, sähel bir zada gahar edip, azgyrylyp duragan bolýar. Emma beýleki biri onuň tersine bolýar. Kim näme diýse ol diňe ýylgyraýýar. Şeýle neşebentler hat-da binamyslyk edip, biri bir zat bermezmikä diýip el sermedenem gaýdanok. Bir zat düşjegini bilse, biriniň gapysyna baryp, oňa ýapja bolup

hyzmat etmekdenem gaýdanok. Şeýlelikde, olar ýaly adamlar kemakyl bolup galýarlar. Mahlasy neşekeigligiň üçünji basgançagyndaky adamlar gezip ýören ruha dönýär. Olar ýalylar soňra halys ysgyn-mydardan gaçýar-da, organizm goranmak ukybyny ýitirýär. Onsoň ol adam durmuşda häli-şindi gabat gelip durýan ýoň, öýken çişme we ş.m. kesellere duçar bolanlaryndan soň şonuň pidasy bolup gidiberýer.

Üçünji basgançaga çykanlar — süpükler hiç wagt özbaşdak neşe taşlajak bolmaly däldirler. Eger ony şeýle etjek bolsalar, onda olaryň ölüm howpy bardyr. Şonuň üçin bolsa süpükler hökman wraça ýüz tutmalydyrlar we narkologiki dispanserlerde özüni bejertmelidirler. Diňe şeýle edileinde olar öz duçar bolan dertlerinden dynyp bilerler.

## TIRÝEKKEŞLÝERDE DÖREÝÄN SOMATIKI KESELLER

Tirýekkeş köplenç halatda gastrit-gaýnag keselinden ejir çekýär. Eýsem näme üçin gaýnag ala-böle tirýekkeşlýerde köp bolýar? Adamynyň aşgazany diýseň takyk işlemeli, çensiz çylşyrymlydyr. Onuň ilkinji wezipesi äň-diş tarapyndan owradylan iýmiti kabul edip, ony ýumşadyp, bulamak kaddyna ýetirmekden, içegede aş aňsatlyk bilen bişip, ondan adamynyň ähli organy özüne gerek maddalary alyp biler ýaly etmekden ybaratdyr. Bu wezipäni doly berjaý etmek üçin aşgazanyň ýukajyk gatlagy (mäzegi) ýörite turşumtyk ýiti sülekeý işläp çykarýar. Taýýarlanylýan bulamagy garmak, önümiň

hiliniň endigan, oňat bolmagy üçin bolsa tutuş aşgazany ikitaraplaýyn çalarak çaýkap, hereketlendirip durýarlar.

Tirýegiň awusynyň häli-şindi (günde 2-3 gezek) täsir edip durmagy netijesinde aşgazanyň sülekeý işläp çykarmasy peselýär, mäzekler güýçden gaçyp, olaryň hereketi haýallaýar. Şeýlelikde, adam organizmi üçin taýýarlanylýan ýeňil, siňňitli helimiň (kisel şekilli suwuklyk) hili diýseň pese gaçýar, iýmit siňdiriş prosesi juda ýaramazlaşýar, ýagny adamynyň iýeni siňmän, ol ep-esli wagtlap gursagynda tokgalygyna durana dönýär. Bu ýagdaý bolsa adamda gaýnag keseliniň döremegine sebäp bolýar.

Bagyr – adamynyň ganyny arassalaýan süzgüçdir. Ol gandaky awy-zäherleri özünde alyp galýar hem-de iýmit eretmek-de birinji derejeli ähmiýeti bolan öt suwuklygyny işläp çykarmakda, organizm tarapyndan sarp edilen ödüň üstüni ýetirip durmakda möhüm işi ýerine ýetirýär. Sag adamynyň bagry gany arassalap durmaga, öt taýýarlamaga doly ýetişýär. Emma tirýekkeş adamynyň bagry öz peýwagtyna işlemekden mahrumdyr, sebäbi tirýekkeş öz ganyny ençeme gezek öz eli bilen zäherleýär. Tirýekden gana geçen zäher-zakgunlaryny süzüp, arassalap ýetişjek bolup bagyr, sözüň doly manysynda, ezýet baryny çekmeli bolýar. Bu ýagdaýdan birbada tirýekkeş bihabar bolýar, ol tirýek zerarly öz organyna — bagra biçak agram salýandygyny unudýar. Bu agram salmanyň soňy bagryň çişmegine —gepatit keseliniň emele gelmegine getirýär.

Tirýek diňe aşgazanyň ýukajyk mäzek gatlagynyň, bagryň işleýşine ýaramaz täsir etmek bilen çoklenmän, ol içegele-riň ýagjymak suwuklyk işläp çykarýan mäzlerine hem bijaý berk täsir edýär, olaryň kadasyny bozýar.

Netijsde, ozal iç ýüzi ýagjymak suwuklyk fermentleri bilen öllsnip duran içegelýerde guraksylyk peýda bolýar. Bu guraksylyk tärsti aňsat süýşmekden mahrum edýär. Şeýlelikde, içegede bolmaly wagtyndan täret 2—3 esse köp saklanyp galmaly bolýar, aja-ýar. Çendenaşa ajan täretden bolsa bütin bedene awy ýaýraýar. Neşe zerarly nemden kesilen ýogyn içegede bolsa slgunç — kolit keseli döreýär. Elgulç adama yzygiderli, mydama je-bir berýän. ony garradýan, ömrüni gysgaldýan keseldir.

Häli-şindi zäher-zakgunyň täsiri etip durmagy netije-sinde neşekeşiň bewreginin işleýşi hem üýtgeýär. Ol soňa-baka adamynyň peşewini süzüp, doly arassalamak ukybyndan mahrum bolýar. Netijede peşew bilen çykyp gitmeli zäherleýji maddalar adamynyň organizmine ýaýraýar. Bu kesele medisinada – nefropatiýa diýilýär. Nefropatiýa uzaklaşdyrýan adamyny heläk edip bilýär.

Tirýek diňe merkezi beýni oňurga sistemasyna däl-de, organizmiň beýleki nerw sistemalaryna hem helákleýji täsir edýär. Netijede tirýekkeş adamyň eti bilen hamynyň arasynda garynja ýöreýän ýaly gyrmyldy peýda bolýar. Ejir çekýän degna-nerw dayarlarynyň gan damarlary büzüp-sozup durmagy netijesinde beden birden gyzyp, birden sowap, adamynyň ini tikenekläp, jümşuldäp başlaýar. Şonuň üçin hem tirýekkeşler sowuga çydamsyz, üşegen bolýar. Bu tirýekkeşlere mahsus häsiýetdir. Üşegen bolýandygy üçin hemişe olaryň gözlegi ýyly ýer bolýar. Kähalatda olary ysgynsyz der basýar, el-aýagynyň nerw damarlarynda agyry peýda bolýar. Keseliň bu görnüşine polinewrit diýilýär. Polinewrit adamy sandan çykaryp, ony maýyplyk derejesine etirip biler.

Wagtyň geçmegi bilen, zäherlenme netijesinde neşekeşiň ýüreginiň dokumalarynyň arasyna ýag digirleri aralaşyp, olar onuň kadaly işlemegine – ýazylyp-büzülmegine päsgel berip başlaýar. Netijede bedende howa ýetmezçiligi duýlup, ýürek çalt urup, tarsyldap başlaýar. Şeýlelikde, neşekeş adamynyň el-aýaklary symgylt-gögümtil tegmiller bilen örtülýär. El-aýak buza dönýär. Gan basyşy peselip, kelle sämäp, baş aýlanyp başlaýar. Bu ýagdaýda kähalatda adamynyň özünden gidip ýykylýan mahallary hem bolýar.

Zäherlenme netijesinde neşekeş adamynyň dem alyş organlarynyň dokumalary kem-kemden ýoýulýar-da, pnewmoskleroz döreýär. Şonuň netijesinde olaryň iş ukyby peselýär. Onsoň onuň ýaly neşekeşde demgysma keseli hem emele gelýär.

Zäherlenme netijesinde neşekeş adamyň bedeniniň mäzleriniň dokumalary süýnýär-lellerýär, olaryň işleýşi peselýär. Netijede işlenip çykarylýan sülekeýleriň mukdary azalýar, hili peselýär, adamynyň organizminde dürli keselleriň emele gelmegine oňaýly şertler döreýär. Tiryegiň zäheri adamynyň jyns organyna diýseň ýaramaz täsir edýär.

Tiryekkeşlik uzagyndan aýallaryň jyns organynyň düýgusyny köşeşdirýär, onuň aýbaşysynyň kadasyny bozýar, kämahallarda bolsa ony düýpden kösýärem. Şeýle ýaglaýdaky aýallardan garaguşagyryly ýa-da kemakyl çaga dogýar. Ýaşlykdan tiryege baş goşan gyzlaryň mäzleri oňly ösyän, enelik organlary göýdükligine galýar.

Tiryek adamynyň merkezi nerw sistemasyna has erbet täsir edýär. Şonuň üçinem tiryekkeşler ysgynsyz, tiz ýadagan, ýalta, biparh, geleňsiz, huşsuz, aljyraňňy,

garasöýmez; ses ýaramaz, soňabaka akyly kem adamlar bolup galýarlar.

## TIRÝEKKEŞDÄKI ELDIRGEMELER

Keselhanamyza süňk başy iri, daýaw, peşeneli Aşyrguly diýen bir pyýadany alyp geldiler. Orta ýaşlaryndaky bu adamynyň ýagdaýy diýseň galagopludy. Ol birden «Wäh» diýläý-jek ýaly, häli-şindi gözgytagyny gorky bilen töweregine aýlaýardy. Onuň akylynyň üýtgäp ugrandygy bu adamynyň özüni alyp barşyndanam mälimdi. Her niçik-de bolsa, bu keseliň başlanmagyna nämäniň sebäp bolandygyny anyklamak üçin, ozal iru-giç şeýle ýagdaýyň bu adamda bolandygyny ýa-da bolmandygyny bilmek üçin onuň hossarlaryna ýüzlendik. Kesellini bärik alyp gelenleriň biri (gep salgyna görä kesselliniň inisi bolmaly) uly täzelik aýdýan ýaly, göwünjeňlik bilen gürrüne başlady.

—Eline pyçak alyp, bu horaz öldürip gören adamam däl. Asla damak çalnan ýerde görnen adam däl. Ýöne ynha birden gaty üýtgäýdi. Biz ilki geň gördük. Ýatjak bolanda ýanyna gezlik alyp, onam gynyndan çykaryp, edil ýagy çozaýjak ýaly, ýassygynyň aşagyna salyp ýatýar.

—Ukusy nähili?

—Uky nirede, zat nirede! Ne özi ýatýar, ne-de bizi ýatyrýar. Irkilen ýaly edýär-de, birdenem edil böwrüne symsyklanýan ýaly, ör-gökden gelýär, daşyna howatyrly garanjaklaýar. Daşyndakylara çiňňerilip başlaýar, eger bir zat aňşyrýan bolsam, şol wagt gözlerem ýitelýärmikä diýýän, göreji dagysy içinden geçip barýar. Gündizlerine-de günümiz şeýle.

—Agşamlaryna nähili?

—Iňrik garaldygy sojap başlaýar, näme üçindir gorkusy köpelýär, edil üstüne aýy abanyp duran ýaly. Onsoňam aýagy bişen ýaly, bir girýär-de, bir çykýar. Aýak ýoluna daga-ha gidýärmikän diýsek, o-da däl. Aý, garaz. näme işläp ýörenini bilenok. Adyny tutsan „hä“ diýýär. Başga zat sorasaň ýöne| aňalyp dur. Aý, garaz, biz-ä bilmedik, dogtor, muňa bir döw-ä çalypdyr.

Biz näsagyň diagnozyny takykladyk. Seredip otursak, bu getirilen näsag asyl agyr neşe bolsa nätjek! Eýsem tiryekkeş adamda ýeldirgeme köplenç haçan, nähili ýagdaýda ýüze çykýar, bu keseliň nähili görnüşleri bar? Ine şulara, ýüzleýräk hem bolsa, düşünişjek bolalyň.

Tirýekkeş neşe edip ýören wagty hem ýeldirgäp bilýär! Ýöne bu ýagdaýa durmuşda setanda-seýranda duşmak bolýar Tirýekkeşler köplenç neşesini goýjak bolanlarynda ýeldirgeýär, hatda olaryň ýagdaýy agyrlaşyp, zyrrajym däli bolup gadýanlary hem bar.

Tirýegiň yzyny üzmän edip ýören adamynyň organizminiň neşe halys eý bolýandygy hemmä mälim zat. Goýmak maksady bilen tirýekkeş neşesini tapba kesdi diýeliň. Şeýle ýagdaýda ol urnup, çapalanyp, näçe kyn hem bolsa, 3-4 güni başdan geçirýär. Ozal tirýege tap beren organizm ysgyndan gaçýar, duýgy damarlary azar çekýär. Bedende birden uly özgerlişik başlanýar. Öň neşä halys uýgunlaşan beýni, onuň duýgy merkezleri kadaly işlemekden mahrum bolýar. Beýni kadaly işläp bilmedik wagty bolsa adamynyň nähili ýagdaýlary başdan geçirýändigi, ýagny üýtgeýändigi, ýeldirgeýändigi ählimize mälim zat. Ýeldirgeme keseliniň bu görnüşine deliri – göze zat görünme diýilýär.

Şeýle ýagdaýda adamynyň gözüne adatdan daşary zatlar görnüp başlaýar, birbada onuň ön gören, başdan geçiren zatlary, soň dürli eýmenç zatlar: aždarha, gaplaň, ýolbars, iki-üç kelleli äpet ýylanlar we ş. m. zatlar, töweregini alýar. Gorkynyň täsiri bilen ýagdaý häli-şindi üýtgäp durýar. Ol bir görseň-ä bir eýmenç zatdan goranjak bolýan ýaly, bir görseňem topuljak bolup duran ýaly sypata girýär. Käbiri dommaryp oturandyr, käsi kakynjyrap. Bir aýlawda gaharlanýar. Şeýle ýagdaýda ol gözüne görünýän eýmenç zatlara topulmaga hyýallanýar. Şeýle pursat kesellinin özi üçinem, töweregindäkiler üçinem iň howply ýagdaýdyr. Sebäbi ol eline näme ilse (pyçak, palta, tüpeň, çarşak...) alýar-da, „eýmenç“ zatlardan goranmakçy bolýar. Şeýle ýagdaýda özüne golaýlan adamdanam howatyr edýär, ol onuň gözüne ganym duşman bolup görünýär. Bu ýagdaýda onuň özi üçin hem howpludygy — şol pursatda onuň „eýmenç“ zatlardan ýa-da ganym „duşmanlardan“ sypmak üçin gaçýandygyndan, bilmezlikde garşydan gelýän maşynyň, poezdiň aşagyna düşýändiginden, etaždan gaçýandygyndan we ş.m. ybaratdyr.

Beýle ýagdaý ýeldirgenleriň ählisinde birmenzeş bolýar. Eldirgäniň käbirinde üstüne görülmedik geň-enaýy garynjalar münüp barýan ýaly duýgy döreýär. Şeýle adam häli-şindi kakynjyramany çykarýar. Ol geýim-gejiminden bir zatlary çümmükläp alýar-da, eliniň tersi bilen zyňyp goýberýär. Olar uzynly günlerini şeýdip geçirýärler. Käbirini görseň saýrap: „Haý zaňnar indi-hä sypyasaň gerek!“ diýip krowatyň aşaklarynda emedekleşip ýörendir. Eldirgänleriň bir toparynyň gözüne görünmekden başga-da, gulaklaryna ses hem eşidilýän wagtlary seýrek bolmaýar. Ol sesler hem gorkunçdyr: „Geliň bu nejisi diriligine ýere

başaşak gömeliň!“, „Bergisini bermejek bolsa, asyp öldüreliň!“ we ş.m.

Bu ýagdaý ençeme sagatlap, käbirinde ençeme günläp dowam edip biler. Näsag açylandan soň önki gözüne görnen, başyndan geçiren wakalaryny ýatlap, gürrüň berip bilýär. Ýöne ol hemmesini yzygiderli aýdyp bilmeýär, sebäbi hemme gören zatlary onuň huşunda galmaýar. Ýeldirgemekden açyldy diýleninden soň hem şeýle adam ençeme wagtlap özüni alyp bilmeýär. Ol kem işdä, gowşak, haly teň, huşsuz, yzgytsyz bolýar. Şeýle ýagdaý birki aý dowam edip biler. Şondan soň näsag kem-kemden özüni tutup, bäri bakyp başlaýar.

Ýeldirgemäniň ikinji görnüşine amensiýa – samrama diýilýär. Bu kesel neşesini goýjak bolýan tirýekkeşiň azarla masy juda agyr ýagdaýda geçende döreýär. Samrama ýeldirgemesiniň özi hem ap-aňsat geçýän kesel däldir, sebäbi ol akyl üýtgemesi netijesinde emele gelýär. Bu kesel ençeme günläp ýa-da birnäçe hepdeläp dowam edip biler. Eldirgäp samrama derejesine ýeten adam özüniň ýagdaýyny, nirede ýatandygy töwereginde kimleriň, nämeleriň bardygyny bilmeýär. Ol özbaşyna samraýar. Onuň gözüne „eýmenç“ zatlar görünýär, gorkunç sesler eşidilýär, bu zatlardan ol öler ýaly gorksada, mejalsyz halda diňe çalarak çapalanyp bilýär. Ol gözüne görünýän „eýmenç“ zatlardan goranyp, olardan gaçyp hem bilmeýär. Olar gözlerini depesine dikip, ugursyz-utgasyz zatlary samrap, ellerini kelemenledip, galgadyp ýatýarda agyr ýagdaýa geçip, bäri bakansoň, özüniň ýanyny saklan hossarynyň haýsydygyny, bejeren wraçyň kimdigini bilmeýär, başyndan geçen günler ýadyna düşmeýär. Sebäbi şol wagt bolan zat bulaşan huşda galmaýar. Keselhanadan

çykansoň özüniň bu ýere haçan getirilendigini, näçe gün ýatandygyny hem bilmeýär. Bu zatlary ol diňe başga adamlardan eşidensoň bilip galýar. Samrama geçenson hem ol ysgynsyz, yraň-dyraň gezýär, ençeme aýlap ol kelleagyrydan, işdesizlikden, ukusyzlykdan ejir çekýär. Samrama keseli netijesinde käbir adamynyň huşuna zeper ýetip, ol onuň hemişelik hemrasy bolup galýar.

Tirýek ýeldirgemesiniň üçünji görnüşine medisina depressiýasy – jansereklik diýilýär. Şeýle adamlar hiç zada baş galdyrmaýar, olar uzynly gününi doňňarylyp, içini gepledip, juda erbet tukatlykda geçirýärler, olaryň önünde, bir mesele —„ölmelimi ýa-da ýaşamalymy?“ diýen mesele ör-boýuna galýar. Ýüregine howul düşýär, ýürek howlama gaty güýçli ýagdaýda geçse janserek adam öýde oturyp takýat tapmaýar, ol bir ýerde karary ýetmän, öýden çykyp gidýär. Emma şol meýil – özüňi heläklemek meýli onuň kellesinden gitmeýär. Ol bu ýagdaýdan çykalga tapman, ahyry (ölümiň haýsysyny özi üçin „aňsat“ hasaplasa) özüni heläkleýär.

Tirýek ýeldirgemesiniň dördünji görnüşine gallýusinoz – ses eşidilmek diýilýer. Bu kesel köplenç bimahal çak – agşamaralar güýjäp başlaýar. Gulaga gelýän ses tanşyňky, nätanşyňky, hatda aýalynyň, çagasynyň sesi hem bolup biler. Ses ilki eşidilende adam bijaý gorkýar, onuň ini jümşüldäp, depe saçy üýşýär. Şu gorkynyň esasynda adamda betgümanlyk, şübhe döreýär, ýagny, sesden soň (eger ses haýbatly eşidilse) ylla diýersiň biri öňünden, gapdalyndan çykyp, oňa duýdansyz bir zat edäýjek ýaly duýulýar. Keselli ses bilen kem-kemden öwrenişip gidýär. Emma bu ýerde has aýylganç zat – şol bir gaýtalanýan igençli sesler („Binamys“, „Saňa duşup, saňa

goşulman-a geçdim-dow“, „Iliň seň ýalylary...“) keselliniň degnasyna degýär hem-de ony uçudyň gyrasyna itekläp başlaýar. Şeýle ýagdaýda töweregindäkiler üçin keselli uly howp döredip biler.

Ses gelmäniň hepdeläp, aýlap bolýan görnüşleri bar, hroniki görnüşi ýyllap hem bolup bilýär.

Eldirgemäniň bäşinji görnüşine – paranoid – esassyz şübhelenme, ýagny was-was diýilýär. Was-waslyk keseli tirýekkeşe ol neşesini taşladym edenden bir hepde golaý wagt geçenden soň ýüze çykýar. Edil ýeldirgemäniň beýleki görnüşlerinde bolşy ýaly, was-wasda hem ol başlamazynyň öňüsyrasynda adamda uky tutmazlyk, tukatlyk, müňkürlik, ahyrynda-da gorky peýda bolýar. Kesel beterleşdigiçe-de adamynyň howpy, gorkusy artýar. Ol hemme ýerde, ähli zada müňkürlik bilen garaýar. Onda hemişe biri kast etmek üçin yzyna düşüp ýören ýaly duýgy peýda bolýar. Şeýlelikde, onuň ýuregi ýellenýär, ol hiç ýerde janyna jaý tapmaýar. Soň-soňlar gulagyna ses eşidilip başlaýar. Köplenç halatda-da oňa belli, tanyş adamlarynyň sesi eşidilýer. Şeýle was-was adamlaryň „Meni goraň, meniň kastyma çykdylar“ diýip, fakt hökmünde belli-belli adamlaryň adyny getirip, derňew organlaryna arza ýazýan wagtlary hem seýrek bolanok. Köplenç bolsa öz hossarlarynyň, aýalynyň. oglunyň, gyzynyň igençli, degnasyna degýän seslerini eşidýär."

Was-was adamlaryň köplenç öz aýalyna jyny düşýär, sebebi tirýek adamyny uzagyndan erkeklik sypatyndan aýyrýar. Erkeklik sypatyndan aýrylan adamda bolsa aýallara, aýratyn hem öz aýalyna şübhe döretjegi tebigy zatdyr. Şeýle adam aýalynyň öňünde dili gysga bolýar. Bu bolsa erkeklik namysynyň güýjemegine getirýär Netijede

was-was derdine uçran adam müňkürlik edip, her ädimde aýalyny yzarlap başlaýar. Aýalynyň sähelçe sowuk-salalygy onuň müňkürliginiň güýjemegine alyp barýar.

Soň-soňlar onuň gulagyna adam sesi däl-de, şapbyldy, ýagny, öz aýaly bilen ogşaşýan erkek kişiniň dodaklarynyn sesi gelip başlaýar.

Ýeldirgeme keselleriniň görnüşleriniň ählisiniň soňy, eger wagtynda bejerilmese, oň lulyk bilen gutarmaýar.

## TIRÝEGIŇ ADAMYNY SANDAN ÇYKARYŞY

**Ýok neşeçe ajylykda gotur geçiň ödi heý,**
**Agza alsaň sag synaňa goýberer ol ody heý,**
**Pis lülesi aždar deýin ýuwdar ähli zady heý,**
**Ýalkaw tapmaz ýanaşanlar, eder eňräp dady heý,**
**Daş düşürer adamlykdan onuň elhenç bady heý.**

*** * ***

**Akmaklykda düşdüm. arman. Men-de tirýek destine,**
**Atlanamda monça boldum mele „ýorgaň“ üstüne,**
**Emma basym başdan aýlap, alyp aýak astyna,**
**Etim-ganym kakmaç edip, çykdy janyn kastyna,**
**Aglap-eňräp derde goýdum men ýakyny-ýady heý.**

Şahyr Hudaýguly Allamyradowyň „Bady heý“ diýen goşgusyndan alnan şu setirleri okanyňda tirýege halys özuni aldyryp, sandan çykan adam göz öňünde janlanýar. Ol adama gaharyň gelýär, birdenem rehimiň inýär. Eýsem durmuşda tirýege aňyny aldyran şeýle adamlara duşulanokmy? Elbetde duşulýar. Seýregrägem bolsa, biziň şu günki günlerimizde-de şol tipdäki adamlara käte gabat gelinýär.

Men Garamyrada oglanlykdan belet. Ol diýseň sagdyn, uzyn boýly, syratly ýigitdi. Ýaşlygyndan sport bilen meşgullanyp, arak-şerab-a beýlede dursun, agzyna çilim alan oglanam däldi. Orta mekdebiň oňat bahalar bilen tamamlady, ýokary okuw jaýyny gutardy. Mugallym diýen hormatly käriň eýesi bolup, öz dogduk mekanyna — obasyndaky mekdebe işe geldi. Öňki bilim beren mugallymlary onuň öz kollektiwlerine gelenine begenip, ony gujak açyp garşyladylar. Işine yhlasly ýaş mugallym tiz wagtdan özüni kollektiwe aldyrdy. Ýöne wagtyň geçmegi bilen näme üçindir, onuň işden eli sowap başlady. Okuwçylarynyň ýetişik derejesi peseldi. Pedagogik kollektiw bu meselä öz sowetinde garamaly boldy. Sowetde çykyş eden mugallymlar soňky döwürde Garamyradyň özüni goýberendigini, eliniň işden sowandygyny aýdýarlar. Emma şu ýerde onuň biparhlygyna, terbiýeçilik işine sowuk-sala garamagyna nämäniň sebäp bolandygynyň welin üsti açylman galýar. Bu ýagdaýy diňe Garamyradyň özi bilýän eken. Emma ol bu barada öz syrdaşlarynyň ýanynda-da dil ýarmandyr, seredip otursaň, dil ýarmaga haky hem ýok. Soň belli bolşy ýaly, ol bir saý-sebäp bilen tiryekkeş bolup galan eken. Eýsem ol bu bela haçan, nirede, näme sebepden ýüz urupdyr? Muny hem onuň özünden başga bilýän adam bolmandyr. Ýöne „Temeni haltada gizläp bolmaýşy“ ýaly, wagtyň geçmegi bilen Garamyradyň hem syry paş bolýar.

Bir gün Garamyrat basyk bolýar. Ol pagta spirt siňdirip bogazyny daňýar. Emma basyk şonda-da aýrylyp gidiberenok. Her ýuwdunanywda azar berip, oňa ezýet berýär. Bokurdagyny sarap ýören günlerinde oňa bir tanşy

gabat gelýär. Salamlaşyp, saglyk-amanlyk soraşanlaryndan soň, ol Garamyratdan:

— Bu näme, how! —diýip soraýar.

— Basyk bolupdyryn, görgi baryny görýän. Spirtjagaz çalyp daňanam boldum, aýrylyp gidiberenok. Indi näçe gündür, iýip-içibem mazam ýok —diýip, Garamyrat ýagdaýy beýan edýär.

— Özi-hä ýaman horlapdyr-aýt! Azary köpdür eýesiziň.

— Aý, azar diýer ýaly o diýen bir alyp barýan zadam ýok. Ýöne hälisi ýok, şindisi ýok, şol ýuwdunyp durmalyda! Nahar iýen wagtyň azar bermänem duranok, indi operasiýa etdiräýmesem boljak däl öýdýän.

— Aý, goýsanaý! Ep-esli adam sähelçe zat üçin operasiýa diýip, ýatyp-turup ýörse aýyp bolmazmy? Barsaň keser goýberer. Basyk boldum diýip, özüňe ýarag gezetjekmi?

— Kesseler dynaryn-da!

— Dynmarsyň! Basyk diýlen zat bir çişdir. Ol çişip-çişibem bişmeli. Dogtora barsaň bişmänkä keserler. Onsoň düýbünde özeni galaýsa-da, ýene-de dömer.

— Onda näme, bişýänçä şeýdip iýmän-içmän gezip ýörmelimi?

— Ýeri, muňa näme diýip, näme aýdarsyň, özem ýokary bilimli mugallym. Ýylyjak ýerde sor dört-bäş baş. Göreniň-eşideniň şol bolar.

— Muny ap-ansat etdiň goýaýdyn-aýt, sen-ä!

— „Muň derdiň dermany“ diýip, oňa ýöne ýerden aýdan däldirler. Ata-babalarymyzam samsyk däl ahyryn. Basyk üçinem tenine tyg urdurarlarmy?

Düşünjesiz sada adam ata-babalarymyzyň ýek ýigreneni –tirýegi olaryň melhemi hökmünde öňe sürýär. Düşünjeli, ýokary bilimli mugallym hem onuň gepine güp gidýär. Ýeri muňa neme diýjek!

Tanşyna duşan şol gününden soň ol anginasyndan dynmak üçin gün sypdyrman bir hepdeden gowrak tirýek çekýär. Neşäniň meýmirediji täsirine onuň jany aram tapýar, göwnüňe bolmasa boglup duran bokurdak tüýdüge dönene menzeýär.

Tirýegiň kömegindenmi ýa-da öz möwritini ötürendenmi, garaz, onuň anginasy esli wagtdan soň aýrylýar. Bişip ýarylanyndan soň, oňa ýygnanan iriňler akyp, çişi gaýdýar. Ýöne şol iriň sabaýança Garamyradyň organizmi tirýege uýgunlaşyp, ol ony ýene küýsäp başlaýar. Edil şu pursatda ol az-owlak gaýrat edäýmeli ýaly, emma Garamyrat durumsyzlyk edip, ýene tirýege el uzadanyny özi hem duýman galýar.

Wagt geçip, onuň ýagdaýy agyrlaşýar. Şeýlelikde, ol tirýege özüni mazaly aldyrýar. Ilki hiç kim bu ýagdaýy Garamyratdan oslamadyk, aňmadyk bolsa, soň töweregi onuň neşe edýändigini aňyp ugraýar. Emma şonda-da il bilýändir öýdüp Garamyradyň kellesine-de gelmeýär. Ýek-tük dost-ýarlary ýalňyşýandygyny oňa aýdanda ol nadaralyk edip, asla agzyna almaýandygyna olary ynandyrjak bolýar.

Mugallymlar her okuw ýylynyň başynda medisina barlagyndan geçirilýär. Garamyrat ençeme ýylyň dowamynda her edip, hesip edip barlagdan hem sypýar. Ol ençeme gezek öz peşewiniň ýerine başga adamynyňkyny tabşyryp, medisina laboratoriýasyny hem aldawa salyp gelýär.

Ol özüniň neşe edýändigini näçe gizlese-de, bu syr ýuwaş-ýuwaşdan onuň daş keşbinden äşgär bolup ugraýar. Elbetde döwlet tarapyndan gizlin, jenaýat hasap edilýän zady häli-şindi islän wagtyň tapyp durmak hem aňsat iş däl. Ähli işini-pişäni taşlap diýen ýaly onuň ugrunda pelesaň kakmaly bolýar. Şeýle hem gaçgak haryt näçe gyt boldugyça şonça-da onuň bahasy gymmatlaýar. Onsoň, Garamyradyn mugallymçylyk edip alýan zähmet haky oňa bir gün ýetse, bir gün ýetmän başlaýar. Netijede, bir wagtky pälwan sypatdan nam-nyşan galman, ol hamy endamyna syryljaşyp duran arryk pyýada öwrülýär.

Alan aýlygy ol aýdan bu aýa ýetmänsoň, Garamyrat üç-dört ýylda bir gezek hem „tüýüni“ täzeläp bilmeýär. Şol bir wagtky edinen şylhasy çykan eşiklerini geýip oňmaly bolýar.

Mugallym beýleki adamlara, esasanam bilim berýän okuwçylaryna hemme taraplaýyn görelde bolmaly. Emma Garamyratdan welin, görelde alarlyk zat galmaýar. Ozal her bir tarapdan öz mugallymlaryna öýkünjek bolýan okuwçylar soňabaka Garamyrady görenlerinde oňa duýdurman seňriklerini ýygryp başlaýarlar. Käbir garagolraklary bolsa, onuň üst-başynyň üstünden gülýärler.

Tirýegе aňyny aldyran mugallymyň bu aýyby uzak wagt-5 lap mugallymlar kollektiwine nomälimligine galýar. Çünki, ýokary bilimli, aň-düşünjesi ýetik adamdan beýle zat çykar öýdüp onuň işdeş ýoldaşlarynyň hiç bir iniň ýatsa-tursa oýunada gelmändir. Olar hemmezady Garamyradyň gelensizliginden, biparhlygyndan, ýaltalygyndan görüp gelipdirler. Ahyry, ony täzeden terbiýelemegiň aladasyny edýärler. Şol maksat bilen mekdebiň pedagogik sowetinde onuň işi ara alyp maslahatlaşylýar.

Pedagogik sowetde ýüzi gyzanyndan soň Garamyrat assyrynlyk bilen tirýegini goýmaga synanyşýar. Emma başarmaýar. Azarlap, işe-derde ýaramaýar. Onsoň ol bigaýratlap, ýene tirýege ýüz urmaly bolýar. Ýene synanyşýar. Bu gezek ol tirýegi „basyp“ ýatyrmagyň kül-külüne düşýär, aldygyna arak içip başlaýar. Emma bu synanyşygy hem başa barmaýar. Çünki, arak birbada tirýegiň ýerini tutaýjak ýaly etse-de, oňa endik eden organizme ol uzak „wepa“ bermeýär. Organizm ýene tirýek kuýseýär. Alaç tapman Garamyrat ikisini gezekleşdirip başlaýar. Ahyrky netijede bolsa ol hem tirýekkeş hem arakkeş bolup galýar.

Elbetde alkogoliki içgä, tirýege aňyny aldyran adamynyň mekdepde mugallym bolup işläp, ösüp gelýän ýaş nesle watançylyk ruhunda terbiýe berip bilmejegi görnüp duran zat. Ahyry bir gün ony mugallym diýen hormatly käre laýyk görmän işden boşadýarlar. Şondan soň Garamyradyň ýagdaýy has-da kynlaşýar. Garamyrady gam basýar. Hany ona öňki gözli çeşme ýaly ep-eslije gelip duran aýlyk. Indi ol ile-güne, dost-ýarlaryna, in kyn erem — neneň okuwçylarynyn gözune gerunsin. Nätmeli, nirä gitmeli, näme işlemeli? Ýa göreniň mellegini depip, gün görmelimi?

Garamyrat ömründe etmejek işine ýuz urýar, ol öý goşlaryna el urup ugraýar. Olary deger-degmez bahasyna satyşdyryp tirýegiň tüssesine öwürýär. Bu ýagdaý Garamyradyň aýalyna, ozalam maşgalany eklemek başyna düşen Oguljemala agyr degýär:

— Şol artyp zerarly il gözünden duşdüň. Negözel gül ýaly işiňden kowuldyň. Indi seiiň işnňden, gazanjyňdan biz

elli bizar geçdik. Öýümiziň goşy bilen bir işiň bolmasyn — diýip ýalbarýar.

„Neşekeşde messep bolmaz“ diýlişi ýaly, Garamyrat düzelmeýär. Neşesini tapmadyk güni, çagalaryny gyran-jyran edýär. Sähelçejik zadam janyna batman çagalaryna, aýalyna it ýaly jabjynýar. Olaryň ellerindäkijeleri alyp neşä çalyşýar. Soň-soňlar onuň çagajyýlarynyň hem üst-başy sallam-sajak bolup, ataly ýetime dönýärler.

Oguljemal adamsyna kän ýalbaryp gezýär. Teý ahyrynda gara gün, agyr durmuş etinden ötüp, süňňüne ornaşansoň: ezýet-azara çydaman, çagalaryny alyp atasy öýüne gidýär. Maşgala bozulýar, bu ýagdaý Garamyradyň gerşine teble basylýana dönderýär, ýöne alaç näme? Aňyny eýelän allaýjy özünden başga ähli zady unudan Garamyrady sandan çykarýar Garamyrada tirýek bolsa bolýar. Onuň maşgalasam, çagasa-öý-öwzary, abraýam — tirýek.

Garamyrat içersinde galanja goş-golamlaryny hem satyşdyryp, tirýege berýär. Şeýle ýagdaýda adamynyň küýi, köçesi gazanç, iş bolaýjak ýaly. Emma bu sypat tirýekkeşlere mahsus däldir, sebäbi olarda adama iň derwaýys zat namys bolmaýar. Ol soňabaka onuň-munuň gapysynda gerünýär, ahyrynda-da tirýek söwdasyny edýän bir adamynyň öňünde dyza çekýär, şol ýerde-de kemsidilen durmuşda gününi geçirýär. Elbetde, ol ýerde-de oňa mugtuna zat ýok. Onsoň ol eýesiniň hyzmatkärine öwrülýär. Gyşyna odun çapsa, tomsuna melleginde işleýär, mal-garasyna seredýär, gapysyny süpürdýär. Özüniň bar hyzmatyny şol ýerik siňdirip jöwen dänesi ýaly tirýek üçin, özuniň ýapyça ýok adama ýaýaplap ýaşaýar. (elbetde ol adamam uzaga gitmedi). Tirýek ony idekläp, ahyry hem

durmuş heşdegine taşlaýar. Onuň, bolup ýörşüne gözi düşen bir wagtky okuwçylary oňa haýpygelijilik bilen seredýärler.

Neşä aňy ş aldyryi; ň/eýle ýagdaýa düYen diýe Garamyratmykan? Ýok. Nebsimiz näçe agyrsa-da şeýle ýagdaýa düşen adamlara onda-munda duşman duramzok.

Men uly bazaryň bir gyrasynda öňüne köne, kirli elýyrtan ýaglyk ýazyp, tamakinçilik bilen gelene-geçene göz aýlap oturan bir aýal adama gabat geldim. Ony görüp aňkarylyp duranymy özümem duýman galypdyryn. Garrynyň meňzi solukdy. Üsti-başy garagäzdi. Ötegçileriň käbiri pisint etmän gapdalyndan geçende garry olaryň yzyndan seredip galýardy, käbiri bolsa onuň, öňüne ýaglygyň üstüne ownuk pul oklap geçýärdiler.

Içine giden duluklary, sary giden dodaklar her gezek ýagly gyň üstüne köpük oklananda müňküldäp, özboluşly hereket edýärdi. Megerem, ol özüne eçilinýän köpükler üçin adamlara alkyş aýdýan bolsa gerek.

Ýurdumyz parahat. Döwrümiz bolçulyk. Näme iýeýin, näme geýeýin diýseň tapdyrýar. Işläp, sähel ugruna çykana açlygam ýok, horlugam. Ýaraman işden galsaňam hakyň ýöräp dur. Iş stažy ýaşy ýetene, doga maýyba, düýpli kesellilere, ekleýjisini ýitirenlere... pensiýa bellenilýär. Bardy-geldi bir sebäp bilen ýalňyz galsaň, özüňi oňarmaýan bolsaň, garrylar öýleri işleýär. Her bir adamda şeýle mümkinçiligiň bolmagy üçin alada edilýän dewletde, bol-telki ýaşalýan döwürde näme üçin bu aýal köçede elini serip otyrkan?! Ol göräýmäge ýaşam-a däl. Pensioner adama meňzeýär.

Garra seredip durşuma az salymda şeýle pikirler kel-däme kep agram saldy.

Men onuň bilen salamlaşanymdan soň, sypaýyçylyk bilen garra habar gatdym. Halyndan habar aldym. Onuň agzyndan söz däl-de, ýalyn çykýardy:

— Wah. balam, meniň günümi sen sorama, men aýtmaýyn — diýip, gözüni süzgenekletdi. — Düşen günümi duşmanyňa-da dilär ýaly däldir!

— Dogry aýdýaňyz. daýza. Günüň ýeňil däl. Ýöne sizem bir wagt ulugyz, gelin bolansyňyz ahyryn. Belki, şol wagtlarda tirýegiň nämedigini bilenem dälsiňiz. Eger şeýle bolsa, soň oňa nähili agyz urduňyz. Nähili bu güne düşdüňiz? —diýip, men yzly-yzyna sorag ýagdyrdym.

— Hawa, birwagtlar menem baýdak ýaly diýilýän ulugyzlardandym. Basan ýerinden ot çykýan gelin diýilýänlerdendim.

— Ogluňyz, gyzyňyz ýokmy, asyl siziň?

— Önelgäm bolmady. Şonam tirýekden görýän.

— Gelin wagtyňyzda neşe eden dälsiňiz ahyryn.

—Ulugyzkam başladym —diýip, garry uludan dem aldy-da: —Görýän welin, guzym men hemmesini başdan gürrüň beräýmesem boljak däl öýdýän. Ýöne, göninden gel, bu zatlaryň saňa nämä geregi bar, hä?

Men oňa özümiň wraçdygymy aýtdym. Ony neşeden dyndarmaga kömek edip biljekligimi duýdurdym. Ol meniň ýüzüme ynamsyzlyk bilen seretdi-de:

— Haý, näbileýin-dä, maňa kemegi indi gabyr edäýmese — diýdi. Ol ilki dyzyny gujaklap, esli wagt gymyldaman oturdy. Tegelenen gözleri diriniňki diýer ýaly däldi, olar doňup galana döndi. Birdenem paýrap gaýdan gyzgyn gözýaş öçügsi gözleri ýuwdy, olary herekete getirdi. Garry köne gyňajynyň ujy bilen gözlerini syrdy:

—Oglanlykda biziň günümiz gara boldy. Ejem pahyr agyr keseliň derdinden ýanyny ýerden galdyryp bilmän diýen ýaly dünýäden ötdi. Kakam fronta gitmänkä garaz günumiz erbedem däldi. Kakam fronta gidensoň men dulda oturyp uzynly gün el degirmeninde un üwärdim. Ejem pahyry bu hasam gaýra üzdi. Men halys ýadap, gapdala gyşaramda, ol görgüli: —Men nädeýin, maňlaýyňdan gördä, balam — diýip jigilerime göz aýlardy. Onuň gözleriniň hanasy gyzgyň ýaşdan dolardy.

Men ýene däne üwäp başlardym. Şonuň bilenem içerini eklärdim. Bize rehimi inen adamlar bizi kemsitmejek bolup däne üwetdirip, bahana bilen iki-üç käse un goýup giderdi; Ine şol käseläp goýulýan unlar meniň neşekeş bolmagyma sebäp boldy.

Uruş wagty açlyk bilen bile aramyza garahassalyk aralaşdy. Ekiz jigilerim Hydyr bilen Ylýas garahassalykdab ýogaldy. Aý, sypaýyçylyk üçin diýäýdiler öýdýän, olary alan açlykdy-la. Men o wagtlar göze görnen gyzdym. Bu zatlara akylym ýetýärdi. Kakamdanam ýaman habar geldi. Galyber, bir kepbäniň içinde, özümden kiçisi Täçnabat bilen. Ol gör gülem soň ilkinjije çagasynda ýaş üstünden gitdi. Şeýdip ýalňyz galdym bu dünýäde. Soň durmuş gurdum. Täçnabadyň ýaman habary gelende „päh“ diýlen ýaly diň arkan gaýdyp çaşypdyryn. Ýüzüni bir görmesem armanly boljakdym. Onsoň gaýynlarym meni alyp gitdiler. Gelin bolup baranymdan soň iki-üç gün geçip-geçmänkä endam-janym soka salnan ýaly kül-owram bolup başlady. Gaýynlarym, adamymda „Niräň agyrýar-da, niräň agyrýar“ bolşup daşymda hozanak boldular. Maňa tiryek gerekdi, onam aýdyp bilemokdym. Dürli däri-dermanlar berdiler. Emma olaryň hiç biri hem maňa seretmedi.

Ahyrynda öz ýagdaýymy adamyma aýtdym. Ol gidip bir ýerlerden ujypsyzja tirýek alyp geldi. Şondan soň endam-janym ýazylyp gitdi. Bilenlerinden soň, gaýynlarym meni keselhana saldylar. Men ol ýerde uzak ýatyp bilmedim. Ýuregime howsala düşüp ugrady. Onsoň bir gün çemini tapyp gaçyp gaýtdym. Gelip ýene-de tirýek atmaga başladym. Ol wagtlar hazan urmuş gytam, gymmadam däldi. Bolmajagyny bileninden soň adamym talak hatymy berdi, oba geldim, kepbämiz ýanyny ýere berip ýatyr. Soň durmuşa-da çykjak bolmadym. Ýyllar geçip durdy. Sopbaş özüm bolup galyberdim. Dünýe bilen serim bolmady. Ähli küý-pikirim tirýek boldy. Ol meni otdan alyp köze urdy, gaýdan zadym bolmady. Elegrilik eden wagtlarymam boldy. Ynha, indem öz görşuň ýaly, şeýdip otyryn, oglum!

Şol günüň ertesi men ony narkologiki dispansere ýerleşdirmegiň aladasy bilen boldum.

# EDEBIÝAT


1. Gurbanguly Berdimuhamedow, Ösüşiň täze belentliklerine tarap., Saýlanan eserler 1-2-nji tom, Aşgabat 2008-2009 ý.ý.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – “Ylym”neşirýaty – Aşgabat, 2007.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow “Döwlet adam üçindir”. Aşgabat, 2008 ýyl.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow, „Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary“, Aşgabat, 2007 ýyl.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow “Eserler ýygyndysy”. Aşgabat, 2007 ýyl.
6. Gurbanguly Berdimuhamedow “Täze Galkynyş eýýamy”. Aşgabat, 2007 ýyl.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistan Sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdydyr, Aşgabat, 2007 ýyl.
8. “Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow gysgaça terjimehaly” . Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirligi Türkmenistanyň Prezidentiniň Arhiw gaznasy Aşgabat, 2007 ýyl.
9. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanda durmuş ykdysady özgertmeleriň 2030-njy ýyla çenli Baş ugry milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007 ýyl.
10. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty”. Aşgabat, 2007 ýyl.
11. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Daşary syýasaty, wakalaryň hronikasy. Aşgabat, 2007 ýyl.
12. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow, ”Türkmenistanyň Beýik Galkynyş Eýýamynyň Konstitusiýasy hakynda”. Aşgabat, 2008 ýyl.

13. „Parahatçylyk, döredijilik, progress syýasatynyň dabaralanmagy“. Aşgabat, 2007 ýyl.
14. „Halkyň ynam bildireni“. Aşgabat, 2007 ýyl.
15. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. – Aşgabat, 2001.
16. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. (ikinji kitap) – Aşgabat, 2004.
17. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 1992, 2008.
18. Türkmenistanyň Adwokatura baradaky düzgünmamasy. Aşgabat, 1980 ý.
19. Türkmenistanyň Döwlet Notariaty hakyndaky kanuny 30.04.99. Aşgabat, 1999 ý.
20. Türkmenistanyň jenaýat-prosessual kodeksi. Aşgabat, 1988 ý.
21. Türkmenistanyň jenaýat kodeksi, Aşgabat, 1997ý.
22. Türkmenistanyň prokuraturasy hakyndaky kanuny, Aşgabat, 2009ý.
23. И.М.Авдеев. Проведение медицинской экспертизы над различными людьми. М.1967
24. В.Н.Крюков. Пособие по судебной медицине. М.1999
25. Судебная психиатрия. М. 1998
26. Судебная психиатрия. М. 2001
27. Юридическая статистика. М. 2001
28. Судебная медицина и психиатрия для юристов.М.1999
29. Энциклопедия судебной экспертизы. Юрист. 2002
30. Руководство по психиатрии. М. 1983
31. Руководство по психиатрии. М. 1988
32. А.М.Свядож. Неврозы. М. 1982
33. Nohur Artyknur. Umumy psihologiýa. A. 2007